TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– DÖWLETIMIZIŇ HEMIŞELIK BITARAPLYK HUKUK ÝAGDAÝYNA ESASLANÝAN GORANYŞ HÄSIÝETLI HARBY DOKTRINAMYZA LAÝYKLYKDA HEREKET EDÝÄN TÜRKMENISTANYŇ ÝARAGLY GÜÝÇLERI GARAŞSYZ WATANYMYZYŇ SARSMAZ GALASYDYR, POLAT GALKANYDYR.

ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

3-nji iýul, 2026. Belgisi 27/1697




# WATAN GORAGY – MERDANALYGYŇ MILLI MEKDEBI

***1-nji iýulda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisini geçirdi. Onda harby we hukuk goraýjy edaralarda şu ýylyň alty aýynda alnyp barlan işleriň netijelerine seredildi.***

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýewe söz berildi. Ol 2026-njy ýylyň geçen alty aýynda Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini ösdürmegiň maksatnamasynyň çäklerinde ýurdumyzyň goranyş ukybyny pugtalandyrmak boýunça alnyp barlan işler, nobatdaky harby gulluga çagyrmak möwsüminiň netijeleri, harby gullukçylaryň gulluk we ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak babatda görlen çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçlerini has-da kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri mundan beýläk-de dowam etdirmegiň zerurdygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz Garaşsyzlygymyzyň şanly baýramynyň ýokary derejede bellenilmeginiň möhümdigini aýtdy we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministrine dabaraly harby ýörişe taýýarlyk görmegi hem-de ony ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Baş prokuror B.Muhamedow ýolbaşçylyk edýän düzümlerinde ýylyň başyndan bäri ýerine ýetirilen işler, hususan-da, kanunçylyk namalarynyň ýerine ýetirilişine geçirilen prokuror gözegçiliginiň netijeleri, bu düzümi ösdürmegiň maksatnamasynyň çäklerinde prokuratura edaralaryna öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň ähli pudaklarynda kanunlaryň we hukuk namalarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, döwlet hem-de jemgyýetçilik bähbitlerini, raýatlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny goramak bilen bagly işleri dowam etdirmek babatda birnäçe tabşyryklary berdi.

Içeri işler ministri M.Hydyrow şu ýylyň ýanwar – iýun aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, şol sanda ýurdumyzda jemgyýetçilik tertibini, ýangyn howpsuzlyk kadalarynyň berjaý edilişini üpjün etmek, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak maksady bilen görlen çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda kanunçylygy üpjün etmek we düzgün bozulmalaryň öňüni almak babatda alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi hem-de ministre ýol hereketiniň düzgünleriniň, tomus möwsüminde howanyň gyzmagy bilen baglylykda, ýangyn howpsuzlyk kadalarynyň berjaý edilişini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Ýokary kazyýetiň başlygy B.Hojamgulyýew ýolbaşçylyk edýän düzümi tarapyndan şu ýylyň alty aýynda degişli ösüş maksatnamasynda göz öňünde tutulan wezipeleriň, kazyýet işini döwrüň talaplaryna laýyklykda guramak boýunça döwlet Baştutanymyzyň ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi, kazyýet edaralarynyň işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, döwletiň we jemgyýetiň bähbitlerini goramak boýunça netijeli işleri alyp barmagyň zerurdygyny belledi we bu babatda birnäçe görkezmeleri berdi.

Milli howpsuzlyk ministri D.Meredow şu ýylyň birinji ýarymynda döwletimiziň milli bähbitlerini goramak, ýurdumyzda durnuklylygy hem-de asudalygy üpjün etmek boýunça ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ministrlik tarapyndan alnyp barylýan işleri mundan beýläk-de netijeli dowam etdirmegiň möhüm ähmiýetini belledi we bu babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet serhet gullugynyň başlygy I.Ilamanow ýolbaşçylyk edýän düzüminde şu ýylyň ýanwar – iýun aýlarynda Watanymyzyň mukaddes serhetleriniň goraglylygyny üpjün etmek, serhet birikmeleriniň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, harby gullukçylaryň gulluk we ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak boýunça alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň serhediniň dost-doganlyk serhedidigini belledi hem-de serhet goşunlaryny ösdürmegiň maksatnamasyna laýyklykda, serhetlerimiziň goraglylygyny yzygiderli üpjün etmegi tabşyrdy.

Adalat ministri M.Taganow ministrligi ösdürmegiň maksatnamasynyň çäklerinde şu ýylyň alty aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, hususan-da, milli hukuk binýadyny kämilleşdirmek boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi. Şeýle-de düzümiň işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak, öňdebaryjy tejribäni ornaşdyrmak ugrunda alnyp barlan işler barada aýdyldy.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, milli kanunçylyk ulgamyny halkara ölçeglere laýyklykda kämilleşdirmek we raýatlara kanunçylygy düşündirmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň wajypdygyny aýtdy hem-de ýurdumyzda kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kanunçylyga doly laýyk gelmegine yzygiderli gözegçilik etmegi tabşyrdy.

Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýew ýolbaşçylyk edýän düzümi tarapyndan şu ýylyň birinji ýarymynda amala aşyrylan işleriň netijeleri, gullugyň işine öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmagyň hasabyna gümrük amallaryny kämilleşdirmek boýunça görülýän çäreler, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysynyň ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, gümrük nokatlarynda gümrük düzgünleriniň berjaý edilişine gözegçilik etmegiň, bu ugurda öňdebaryjy tejribäni we iş usullaryny yzygiderli ornaşdyrmagyň möhümdigini belledi hem-de birnäçe anyk görkezmeleri berdi.

Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy A.Sazakow gullugy ösdürmegiň maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde ýylyň başyndan bäri ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, gullugyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça alnyp barlan işler barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, migrasiýa kanunçylygynyň berjaý edilişine yzygiderli gözegçilik etmegiň we ýokary hilli migrasiýa hyzmatlaryny üpjün etmegiň wajypdygyny aýtdy hem-de bu babatda gullugyň ýolbaşçysyna birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň agzalaryna ýüzlenip, Türkmenistanyň diňe goranyş häsiýetli Harby doktrinasynyň talaplaryna laýyklykda, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň howpsuzlygyny we çäk bitewüligini ýokary derejede üpjün etmek, ýurdumyzyň goranyş ukybyny pugtalandyrmak, Watan goragçylarynyň, olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmak boýunça yzygiderli işleriň durmuşa geçirilýändigini we bu ugurdaky işleriň geljekde-de dowam etdiriljekdigini nygtady.

## Türkmenistan – gallaly ýurt

Türkmenistan gadymdan bäri bugdaýyň, bereketli hasylyň we zähmetsöýer daýhanlaryň mekany hökmünde tanalýar. Şonuň üçin hem ýurdumyza «Gallaly il» diýilýär. Bu at diňe bir bugdaýyň köp öndürilýändigini däl, eýsem, halkymyzyň zähmete bolan hormatyny hem görkezýär.



Hormatly Prezidentimiziň döredip berýän giň mümkinçiliklerinden peýdalanyp, yhlasly zähmet çekýän gallaçy kärendeçiler şu möwsümde şertnamalaýyn borçnamadan daşary bugdaý tabşyrýarlar. Gallaçylar bilen hasaplaşyk işleriniň dessine geçirilmegi hasyl ussatlarynyň zähmet öndürijiligini has-da artdyrýar. Bereketli hasyly ýetişdirmegiň aňyrsynda hormatly Prezidentimiziň oba hojalyk pudagyny ösdürmek, daýhana hemmetaraplaýyn kömek-goldaw bermek barada edýän aladalary, şonuň ýaly-da topraga irginsiz hyzmat edýän adamlaryň zähmeti ýatyr. 2

## Halkara maliýe düzümleri bilen hyzmatdaşlyk giňeldilýär

Ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyrmak, döwlet-hususyýetçilik hyzmatdaşlygyny ösdürmek we halkara maliýe edaralary bilen gatnaşyklary täze derejelere ýetirmek ugrunda uly işler durmuşa geçirilýär. Bu ugurda ýurdumyzyň iň ygtybarly we uzak möhletli hyzmatdaşlarynyň biri hem Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankydyr.

European Bank for Reconstruction and Development

Türkmenistan bilen Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň arasyndaky gatnaşyklar barha berkidilýär. Ýurdumyz 1992-nji ýylda bu abraýly halkara maliýe institutynyň agzalygyna kabul edilip, geçen döwrüň içinde özara bähbitli gatnaşyklaryň durnukly binýadyny gurmagy başardy. Şondan bäri ýurdumyzda maliýe ulgamyna häzirki zaman tejribesini ornaşdyrmak, önümçiligi goldamak we kiçi hem-de orta telekeçiligi ösdürmek boýunça köp sanly taslamalar üstünlikli durmuşa geçirildi. 2













# Suw hojalygyna degişli täze, döwrebap desgalar ulanmaga berildi

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň suw hojalyk pudagyny ösdürmek, suw üpjünçiligini gowulandyrmak, maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak boýunça maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär. 1-nji iýulda Aşgabat şäherinde we Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda suw hojalygyna degişli täze, döwrebap desgalaryň açylyp ulanmaga berilmegi hem munuň aýdyň beýanydyr.***





Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda täze gurlan suw göteriji beketde Germaniýanyň öňdebaryjy kompaniýasynyň öndüren suw göteriji enjamlary ornaşdyrylypdyr. Suw göteriji bekediň kuwwaty 6 müň gektardan gowrak ekerançylyk ýerini suw bilen bökdençsiz üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Onuň gurluşyk işlerinde jemi uzynlygy 39 müň 789 metr, şol sanda uzynlygy 26 müň 929 metr bolan täze suw geçiriji turbalar we uzynlygy 12 müň 860 metr bolan täze beton akabalar guruldy. Bekediň işinde ösen tehnologiýalaryň, şol sanda sanly ulgamyň ornaşdyrylmagy ähli işleri awtomatik ýagdaýda netijeli dolandyrmaga mümkinçilik berýär.

Soňra açylyş dabarasy etrabyň çäginde täze gurlan beýleki bir suw göteriji bekediň çäginde dowam etdi. Bu iki suw göteriji bekediň sazlaşykly işi arkaly dag etek belentligindäki ekerançylyk ýerleri suw bilen bökdençsiz üpjün ediler.

Suw göteriji bekediň gurluşyk işlerinde jemi uzynlygy 42 müň 74 metr, şol sanda uzynlygy 23 müň 659 metr bolan täze suw geçiriji turbalar we uzynlygy 18 müň 415 metrlik täze beton akabalar guruldy. Ýurdumyzyň gurluşykçylary tarapyndan taslamada suw hojalygynyň häzirki zaman enjamlary we usullary ornaşdyryldy. Gün panelleri tebigy şöhläni elektrik energiýasyna öwrüp, suwaryşda ulanylýan zerur enjamlaryň üznüksiz işlemegini üpjün edýär. Beketde suw sanly ulgam arkaly gerekli wagtda awtomatik usulda dolandyrylýan, suwarymly ýerler üçin zerur bolan gatlalar arkaly paýlanylýar.

Aşgabat şäherinde Garagum derýasynyň ugrunda gurlan suw akymyny sazlaýjy-bekleýji desganyň açylyş dabarasy hem ýatdan çykmajak pursatlara beslendi.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň suw hojalygynyň, şol sanda paýtagtymyzyň agyz suw üpjünçilik ulgamynyň tehniki binýady yzygiderli pugtalandyrylyp, onuň döwrebaplaşdyrylmagyna iri maliýe serişdeleri gönükdirilýär. Şunuň bilen bir hatarda, häzirki zaman enjamlary ornaşdyrylan suw arassalaýjy desgalar gurlup ulanmaga berilýär. 2024-nji ýylda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Aşgabat şäherinde kuwwaty bir gije-gündizde 150 müň kub metr bolan döwrebap tehnologiýalar, nou-haular bilen enjamlaşdyrylan «Bagtyýarlyk» agyz suwuny arassalaýjy desgasynyň açylmagy munuň aýdyň güwäsidir. Aşgabat şäher häkimliginiň buýurmasy esasynda «Interbudmontaž» kompaniýasy tarapyndan gurlan, suw akymyny sazlaýjy-bekleýji täze, döwrebap desga paýtagtymyzyň hojalyk we agyz suw üpjünçilik derejesini has-da ýokarlandyrmakda möhüm ähmiýete eýedir.

Täze gidrotehniki desganyň kuwwaty sekuntda 181 kub metre deň bolan suwy geçirmäge mümkinçilik berýär. Onda ähli işler awtomatik ýagdaýda dolandyrylýar. Suw desgasynyň gatlalary elektromehaniki usulda açylyp-ýapylyp, suwa we şol töwerekdäki ýagdaýlara sanly ulgam arkaly gözegçilik edilýär. Mundan başga-da, degişli dispetçer nokady dizel-generator bilen üpjün edilip, «Garagumderýa» birleşiginiň aragatnaşyk toruna birikdirilendir. Taslamany durmuşa geçirmegiň çäklerinde suwy sazlaýjy-bekleýji desga, dispetçer nokady, ýerasty howdanlar, suw sorujy hem-de elektrik beketleri guruldy. Munuň özi ýurdumyzda durmuş, önümçilik we tehniki maksatly desgalaryň gurluşygyna toplumlaýyn esasda çemeleşilýändigini görkezýär.

## Dünýäniň iň güýçli superkompýuteri

Hytaýda işlenip taýýarlanan täze superkompýuter dünýäniň iň güýçli superkompýuteri bolup, «Top500» sanawynda birinji ýeri eýeledi. Şençžen şäherindäki «LineShine» atly kompýuter iň güýçli kompýuterleriň sanawynda ABŞ-nyň «El Capitan» kompýuterinden öňe geçip, birinji basgançaga düşdi. «LineShine» emeli aň amallary üçin giňden ulanylýan prosessorlaryň deregine, dolulygyna adaty usullar bilen işleýär.



«LineShine»-niň 2,198 eksaflops tizlik bilen işleýändigi mälim edildi. Bu görkeziji kompýuteriň sekuntda 2 kentilliondan gowrak amaly ýerine ýetirip bilýändigini aňladýar.

Kaliforniýadaky «El Capitan» kompýuteri ikinji, Tennessidäki we Illinoýsdaky barlaghanalardaky kompýuterler hem onuň yzyndaky orunlara ýerleşdiler. Germaniýanyň «Jupiter» kompýuteri 5-nji boldy. Ilkinji onluga Italiýadan, Şweýsariýadan we Ýaponiýadan superkompýuterler girizildi. Angliýa jemi 11 superkompýuter bilen öňe saýlandy.

Adaty kompýuterlerden has çalt işleýän superkompýuterler lukmançylyk ugrundaky açyşlarda, daşky gurşawy goramak üçin çözgütleri taýýarlamakda we beýleki ylmy tejribeleri geçirmekde giňden ulanylýar.

## Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi

Türkiýäniň Halk oýunlary federasiýasynyň guramagynda 5 müň milli egin-eşikli tansçy tarapyndan ýerine ýetirilen horon folklor oýny Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi. Stambulda geçirilen çäräniň öň ýanynda rekordlar kitabynyň wekili Şeýda Subaşy gatnaşyjylary degişli düzgünler bilen tanyşdyrdy. Soňra bolsa, tansçylar 3 minutlap



ýurduň Gara deňiz sebitinde gadymdan bäri ýerine ýetirilýän horon milli tansyny ýerine ýetirdiler. Tans tamamlanandan soňra Ginnesiň rekordlar kitabynyň wekilleri rekord synagyna baha berdiler we onuň şowly bolandygyny bellediler.

Horon Gündogar Gara deňiz sebitine mahsus bolan, tulum ýa-da kemençe saz gurallarynyň çalynmagy bilen oýnalýan tans bolup, gatnaşyjylar el tutuşyp, hatara düzülip ýa-da döwre gurap oýnaýarlar. Horon tansynda, esasan, aýak hereket edýär.

## Ummanlar gyzýar

Ýewropaly alymlaryň geçiren barlaglarynyň netijesinde iýun aýynda ummanyň ýüzündäki suwuň gyzandygy mälim edildi. Ýewropa Bileleşiginiň «Copernicus» maksatnamasynyň çäklerinde geçirilen barlaglarda iýul-awgust aýlarynda suwuň has hem gyzyp biljekdigi bellenilýär. Maglumatlara görä, polýar sebitler hasaba alynmanda, suwuň



temperaturasy 21-nji iýunda iň ýokary derejä ýetipdir. Mundan ozalky rekord temperatura 2023-nji hem-de 2024-nji ýyllarda hasaba alnan eken.

Angliýanyň Reding uniwersitetiniň ylmy işgäri, professor Riçard Allan ýerasty energiýa serişdeleriniň ulanylmagy sebäpli bölünip çykýan gazlaryň planetany gyzdyrýandygyny, ummanlaryň bolsa, bu ýylylygy özüne siňdirýändigini belleýär.

Deňizler diňe howanyň sergin bolmagyna ýardam etmän, köp mukdarda kislorody hem bölüp çykarýar.

## 10 million robot işe başlar

Ýaponiýada 2040-njy ýyla çenli jemi 18 ugurda emeli aň tehnologiýasy bilen işleýän 10 million robotyň işe girizilmegi göz öňünde tutulýar. Ýurduň Ykdysadyýet, söwda we senagat ministrligi bu barada maksatnama taýýarlady. Robotlaryň ilatyň azalmagy bilen ýüze çykjak işçi



güýjüniň öwezini doldurjakdygy bellenildi. Robotlar we awtomatlaşdyrylan tehnikalar önümçilik, infrastruktura, saglygy goraýyş, tebigy hadysalaryň öňüne almak we beýleki ugurlarda ulanylar. Taslamany durmuşa geçirmek üçin 380 milliard ýapon ýeni bölünip berler.

Ykdysadyýet, söwda we senagat ministri Akazawa Rýoseý käbir pudaklarda maglumat ýygnalýandygyny we munuň Ýaponiýanyň robotlar üçin emeli aň tehnologiýasyny ösdürmekde öňdebaryjy bolmagy üçin ulanyljakdygyny belledi.

## Gämi gatnawy üçin kanal gurlar

Fransiýanyň paýtagty Pariži kesip geçýän Sena derýasyndan Uaza derýasyna çenli kanal gurlar. Bu taslama gämiler arkaly ýük we ýolagçy gatnawyny ýeňilleşdirmek maksady bilen durmuşa geçiriler. Jemi uzynlygy 107 kilometr boljak kanaly gurmak üçin 7,3 milliard



ýewro pul serişdesi sarp ediler. Sena-Demirgazyk Ýewropa kanaly atly taslama Parižden Belgiýadaky, Germaniýadaky hem-de Niderlandlardaky giň suw gatnaw ýollaryna çykmaga mümkinçilik berer.

Taslama durmuşa geçirilenden soňra, awtomobil ýoly arkaly daşalýan ýüküň möçberi azalar. Bu bolsa, ýüküň has ýakyn ýoldan daşalmagyna, howa goýberilýän zyýanly gazlaryň möçberiniň azalmagyna getirer. Kanalyň 2032-nji ýyla çenli gurlup ulanmaga berilmegine garaşylýar. Kanal arkaly Antwerpen hem-de Rotterdam portlaryna çykyp bolar.

**Gurban Mämmedow,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Ahalteke atlarynyň arasynda dünýä çempionaty geçiriler

1-nji iýulda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde daşary ýurtlaryň we halkara guramalaryň diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň gatnaşmagynda brifing geçirildi. Ol şu ýylyň sentýabr aýynda Niderlandlar Patyşalygynyň Kronenberg şäherinde geçirilmegi meýilleşdirilýän ahalteke atlarynyň arasynda atly sport we gözellik bäsleşiginiň dünýä çempionatyna görülýän taýýarlyk çärelerine bagyşlandy.



Brifingde çykyş edenleriň belleýişleri ýaly, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň bimöçber tagallalary bilen halkymyzyň milli buýsanjyna, gözelligiň ajaýyp nusgasyna öwrülen ahalteke atlarynyň dünýädäki şan-şöhraty has-da belende göterilýär. Şu ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyrylmagy dünýäniň medeni gymmatlyklarynyň hatarynda orun alan özboluşly mirasymyzy wagyz etmekde täze sahypany açdy. Şu ýylda meýilleşdirilýän halkara çäreler medeni we sport diplomatiýasynyň gurallaryny netijeli hereket getirmek bilen, ýurtlaryň hem-de halklaryň arasynda dost-doganlygy, ynanyşmagy berkitmegi ugur edinýär.

Niderlandlar Patyşalygynyň Kronenberg şäherinde geçiriljek ahalteke atlarynyň arasynda atly sport we gözellik bäsleşiginiň dünýä çempionatyna ýurdumyzyň giň wekilçilikli toparynyň gatnaşmagyny, ahalteke atlarynyň netijeli çykyş etmeklerini gazanmak ugrunda degişli ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan yzygiderli çäreler görülýär. Bellenilişi ýaly, çäreleriň çäklerinde milli medeniýetimiziň gymmatlyklaryny, däp-dessurlaryny, ykdysadyýetde, medeni-durmuş ulgamynda Watanymyzyň häzirki ýeten derejesini halkara jemgyýetçilige giňden tanyşdyrmak möhüm wezipe hökmünde kesgitlenendir.

## Halkara maliýe düzümleri bilen hyzmatdaşlyk giňeldilýär

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şu ýyl Türkmenistan bilen ÝTÖB-niň arasyndaky gatnaşyklar hakyky manyda täze, strategik tapgyra gadam basdy. Häzirki wagtda taraplar 2026–2030-njy ýyllar üçin hyzmatdaşlyk boýunça täze Strategiýanyň gutarnykly görnüşini taýýarlamagyň üstünde işleýärler. Bu resminama diňe bir maliýe goldawyny däl, eýsem, döwlet we hususy pudaklara uzak möhletli düýpli maýa goýumlaryny çekmek üçin ygtybarly hukuk we ykdysady binýat bolar. Gatnaşyklary has-da utgaşdyrmak maksady bilen, ýurdumyzyň maliýe-ykdysadyýet toplumynyň wekillerinden ybarat bolan aýratyn iş topary döredildi.

Ýurdumyz bilen bu bankyň arasyndaky hyzmatdaşlyk ulag we logistika, hususy pudagy we telekeçiligi goldamak, ýangyç-energetika we «ýaşyl» ykdysadyýet hem-de maliýe-bank ulgamy ýaly ugurlarda giň gerimde ösdürilýär. «Global Gateway» strategiýasyna laýyklykda, ýurdumyza daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek üçin ýakyn geljekde Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky bilen hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek maksat edinilýär. Ýewropa Bileleşiginiň «Global Gateway» başlangyjy esasynda sebitara ykdysady geçelgelerine (CAREC, TRACECA) laýyklykda, Türkmenistanda döwrebap demir we awtomobil ýollaryny gurmak hem-de bar bolanlaryny döwrebaplaşdyrmak meýilleşdirilýär. Bank tarapyndan ýerli telekeçilere, gaýtadan işleýän senagata, azyk önümçiligine we logistika kärhanalaryna göni maliýe hem-de konsalting kömekleriniň berilmegi dowam etdirilýär. Türkmenistanyň «COP28» sammitinde Global Metan Borçnamasyna goşulmagy bilen, daşky gurşawy goramak, ekologiýa taýdan arassa we gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini (Gün we ýel energiýasy) ornaşdyrmak taslamalaryna aýratyn üns berler. Ýerli banklaryň işine halkara standartlaryny, sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak we maýa goýum şertlerini gowulandyrmak ugrunda tagallalar edilýär. Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň hasabatlaryna görä, ýurdumyzyň ykdysadyýeti durnukly ösüş depginini saklap galýar.

**Gülnabat ALLANAZAROWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Türkmenistan – gallaly ýurt

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu üstünlikler sazlaşykly işleriň netijesinde gazanylýar. Häzirki wagtda Ahal we Balkan welaýatynyň gallaçy daýhanlary şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirdiler. Ýetişdirilen bugdaý hasylyny ýygnap almak, galla oragyny gysga möhletde tamamlamak üçin zerur çäreler görülýär.



Bu işlerde oba hojalyk tehnikalaryndan netijeli peýdalanylýar. Bugdaý öndürijiler bilen döwlete tabşyrylýan hasyl üçin hasaplaşyklar öz wagtynda geçirilýär.

Bugdaý türkmen saçagynyň berekedidir. Ondan taýýarlanylýan çörek halkymyz üçin mukaddes hasaplanýar. Türkmenlerde çörege uly hormat goýulýar, bu däp halkymyzyň milli gymmatlyklarynyň biridir. Ýurdumyzyň bugdaý meýdanlaryna tomus paslynda altyn öwüşgin çaýylyp, ajaýyp görnüşe eýe bolýar. Hasyl ýygnalýan möwsüm bolsa, daýhanlar üçin iň jogapkärli döwürdir.

Olaryň yhlasy netijesinde ýurdumyzyň azyk bolçulygy üpjün edilýär. Gallaly il hökmünde tanalýan ýurdumyzda diňe bir bugdaý ösdürilip ýetişdirilmän, oba hojalygyny döwrebaplaşdyrmak we azyk howpsuzlygyny pugtalandyrmak ugrunda hem uly işler alnyp barylýar. Gallanyň berekedi halkyň abadançylygydyr. Şonuň üçin her bir bugdaý dänesi zähmetiň, berekediň we Watana bolan söýginiň nyşanydyr.

**Mähri REJEPOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Arkadagyň ruhy metjidi köňül tämizliginiň binasyna öwrüler

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz taryhynyň iň nurana we özgertmelere baý döwrüni başdan geçirýär. Halkymyzyň asyrlardan gözbaş alýan milli-ruhy gymmatlyklaryna, asylly däp-dessurlaryna ygrarlylygy bu gün taryhy wakalaryň üsti bilen täze many-mazmuna eýe bolýar. Ýakynda Arkadag şäherinde 30 müň adama niýetlenen täze metjide «Arkadagyň ruhy metjidi» diýlip at berilmegi kalby imanly, ýüregi Watana söýgi bilen urýan her bir ynsanyň buýsanjyny goşalandyrdy.



Häzirki döwürde Gahryman hajy Arkadagymyzyň we Arkadagly hajy Serdarymyzyň yzygiderli tagallalary bilen ýurdumyzda döwlet syýasaty rowaçlyklara beslenýär. Ynsanperwer ýörelgeleri esasy ugur edinýän döwlet syýasaty halkymyzyň milli özboluşlylygyny kepillendirip, türkmen halkynyň dünýä medeniýetinde eýeleýän ornunyň pugtalandyrylmagy bilen baglanyşykly meseleleri öz içine alýar. Şunda asyrlar aşyp gelýän ýagşy dessurlar jemgyýetiň ruhy taýdan sagdyn ösmegine oňyn täsirini ýetirýär. Şoňa görä-de, ýurdumyzda musulman dünýäsine mahsus ýörelgeleriň rowaçlanmagy, isleg bildirýän ildeşlerimiziň haj parzyny berjaý etmekleri ugrunda ýokary derejeli şertler döredilýär. Ruhy ýörelgelerimize, milli däp-dessurlarymyza goýulýan gadyr-gymmat hajy Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly hajy Serdarymyzyň alyp barýan döwlet syýasatynyň özenidir. Häzirki döwürde jemgyýetimizde sogaply işleriň amal edilmegi üçin ähli zerur şertleriň döredilýändigi örän buýsandyryjydyr. Hajy Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, Arkadag şäherinde «Allanyň öýüniň» gurluşygy bu ýerde amal ediljek ýagşy işlere-de badalga berer.

Metjidiň bu taryhy ady götermezinden öň, halkymyzyň arasynda giňden maslahatlaşylmagy, il sylagly ýaşulularyň, dindarlaryň we jemgyýetçilik wekilleriniň teklipleri esasynda bellenilmegi uly mana eýedir. Bu at tötänleýin däl-de, halkyň Milli Liderine bolan çäksiz söýgüsiniň, ynamynyň we minnetdarlygynyň aýdyň beýanydyr.

Arkadagyň ruhy metjidi diňe bir binagärlik sungatynyň täsin nusgasy däl-de, eýsem, halkymyzyň geçmiş taryhyna we geljegine goýulýan sarpanyň ruhy köprüsidir. Türkmen halky taryhyň dowamynda öz mukaddesliklerini gorap gelipdir.

Milli Liderimiziň halkyň we Watanyň öňünde bitiren beýik hyzmatlaryny dabaralandyrýan bu mukaddes at geljekki nesiller üçin nusgalyk mekdepdir. Çünki «Arkadagyň ruhy metjidi» diýen atlandyrma ýaş nesillere döwletliligiň we özara jebisligiň nähili belent derejelere ýetip biljekdigini görkezýän hakyky nusgadyr.

Arkadagyň ruhy metjidi binagärlik gözelligi bilen hem haýran galdyrýar. Onuň ak mermerli diwarlary, asmana göterilýän minaralary we içki bezegleri ynsana kalp rahatlygyny bagyşlaýar.

Halkymyzyň islegi we goldawy bilen «Arkadagyň ruhy metjidi» diýlip atlandyrylan bu mukaddes bina Garaşsyz Türkmenistanyň ruhy kuwwatynyň, döwlet we halk agzybirliginiň ebedi subutnamasy bolup dabaralanar.

**Mamajan HAÝTMURADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Heýkeller – gadymy taryhymyzyň beýany

Türkmen halkynyň gadymylygy bilen birlikde, onuň sungaty hem gadymydyr. Medeniýetimiziň bir şahasy bolan taryhy tapyndylar asyrlaryň dowamynda jemgyýetiň önümçilik talabyny kanagatlandyrýan möhüm serişde bolmak bilen, halkyň hünärmentlik derejesini kämilleşdirmekde hem uly mekdep bolupdyr. Dünýä alymlary taryhy öwrenenlerinde iki ýoldan ugur alýarlar. Olaryň birinjisi gazuw-agtaryş işleri geçirilende tapylýan arheologik tapyndylar, ikinjisi bolsa şol arheologik tapyndylarda saklanyp galan belgiler, suratlar we şekillerdir.

Ýurdumyzda ýerleşýän ýadygärlikler adamzadyň maddy medeniýetini öwrenýän alymlary baý tapyndylary bilen begendirip, taryhyň gatynda gizlenip galan syrlary açmaga, gadym zamandaky medeni gatnaşyklaryň häsiýetini we dünýä taryhynda tutýan ornuny aýdyňlaşdyrmaga kömek edýär. Toýundan ýasalan täsin şekilli heýkeljikler, ýüzüne şekil berlen daşdan ýonulyp ýasalan tapyndylar, möhürler ruhy medeniýetiň ösüşindäki ajaýyplyklary şöhlelendirýär. Arheologik tapyndylaryň arasynda köp duş gelen gymmatlyklaryň biri hem terrakota, ýagny, gyzylymtyl goňur reňkli bişirilen toýundan ýasalan kiçi heýkeljiklerdir. Şeýle heýkeljikleriň birnäçesi Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýinde hem saklanýar.



Türkmenistanda Jeýtun medeniýetiniň kemala gelmegi bilen, adamlaryň arasynda jemgyýetçilik gatnaşyklarynda hem özboluşlylyk ýüze çykypdyr. Irki döwürde adamlar ekin ekip ýerden, suwdan ýerlikli peýdalanyp, bol hasyl almagy başarypdyrlar. Olar ekerançylykda Günüň, ýagtylygyň möhümdigine düşünipdirler. Haýsydyr bir gudrata ynanan ata-babalarymyz toýundan heýkel ýasapdyrlar we bir işiň başyny tutan wagtlarynda ondan medet diläpdirler. Toprak hasyl berýär, topragyň döredijidigi, ähli jandarlaryň toprakdan emele gelendigi gadymy ekerançylaryň dini dünýägaraýşynyň içinden eriş-argaç bolup geçipdir. Ene perzendi dünýä getirýär we perzendini dürli bela-beterlerden goraýar, şonuň üçin oňa güýç-kuwwatyň, döredijiniň nyşany diýip düşünipdirler. Jeýtun medeniýetine degişli tapylan zenan heýkeljikleriniň ýüz keşbi adama meňzedilen hem bolsa, entek onda begenç, gaýgy, gahar ýaly adam duýgularyny beýan etmek mahsus bolmandyr. Emma olarda jemgyýetiň ösüş aýratynlyklarynyň alamatlaryna göz ýetirmek bolýar.

Altyndepeden tapylan toýun heýkellere syn edeniňde, şol döwürlerde täze, has kämil medeniýetiň, ýagny uly şäher gurluşygynyň, ilkinji ylmy garaýyşlaryň kemala gelendigini alamatlandyrýan şekiller bar. Jemgyýetde ekerançylygyň ösmegi bilen döredijilikli hünärmenler ýetişip başlaýar, söwda gatnaşyklary ýüze çykýar, küýzegärler dürli küýzeleri ýasap, onda öz elleriniň yzlaryny goýmak isläpdirler. Netijede, küýzeler tebigatdan alnan boýaglar bilen nagyşlanypdyr. Hat-ýazuwyň ilkinji alamatlarynyň ýüze çykmagy bilen möhürler ýasalyp başlanypdyr we ýazuw belgileri oňa geçirilipdir. Jemgyýetiň bu ösüşinde heýkel ýasaýan ussalar hem yzda galman, heýkelleriň ýüzünde ilkinji hat belgilerini galdyrypdyrlar.

Wagtyň geçmegi bilen heýkeller bürünçden hem ýasalypdyr. Ekerançylygyň ösmegi netijesinde adam öz el zähmetinden başga-da dürli haýwanlary ýer sürmek işine gatnaşdyryp başlaýar. Belki şonuň üçindir, tapylan gymmatlyklaryň içindäki dürli döwürlere degişli bolan heýkelleriň arasynda düýe, goç, geçi şekilli altyndan, kümüşden, bürünçden ýasalan iňňebagjyklara gabat gelinýär. Heýkeltaraşlyk sungaty Marguş medeniýetinde şeýle görnüşinde jemgyýetçilik hyzmatyny ýerine ýetiripdir. Marguş medeniýetinde heýkelleriň dürli görnüşi bilen birlikde olary işläp bejermekligiň dürli usullary bolupdyr. Olar kesme, oýma, düzme, ýelmeme usullaryny ulanypdyrlar.

Heýkeller Antik döwründe jemgyýetçilik gatnaşyklarynda binanyň bezeg bölegi bolup hyzmat edipdir. Aşgabadyň eteginde ýerleşýän Nusaý hem gadymy medeniýetiň we sungatyň ösen mekanydyr. Bu ýerden heýkelleriň birnäçe görnüşi tapylýar. Nusaýdan tapylan gymmatlyklaryň içinde dünýä halklaryny haýrana goýýan süňkden ýasalan ritonlaryň frizleri (ýokarky bölegi) hem sahna eserlerini ýada salýan heýkeljikler bilen bezelipdir. Galdyrylan binalar hem heýkeller bilen bezelipdir. Maddy we ruhy medeniýetiň barha kämilleşmegi adamlaryň estetika, ýagny, gözellige bolan isleglerini artdyrypdyr. Şonuň üçin her bir senediň eýesi öndürýän önüminiň gözel bolmagyny isläpdir. Şeýlelikde, ussalar küýzeleriň daşyny, öý esbaplarynyň belli bir bölegini heýkeltaraşlyk sungatynyň kämil eserleri bilen bezäpdirler. Ol bezegleriň käbiri şol senediň eýesi barada maglumat berse, käbiri ussanyň öndüren önüminiň sany, wagty we başga-da birnäçe maglumaty özünde saklap, söwda ýollary bilen dünýä halklarynyň arasyna ýaýrapdyr.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen milli medeniýetimizi hemmetaraplaýyn gorap saklamaga, ösdürmäge we baýlaşdyrmaga, dünýä halklaryny medeni gymmatlyklarymyz bilen tanyşdyrmaga uly mümkinçilikler döredilýär. Milli medeniýetimiz ýaşlarda ahlak, edep-terbiýe gymmatlyklarynyň ösmegine hem kämilleşmegine, ruhy göreldäniň kemala gelmegine ýardam edýär. Çünki biziň ruhy gymmatlyklarymyzda milliligimiz jemlenendir.

**Aýjeren ÝAÝLYMOWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýiniň uly ylmy işgäri.*

## Halkara hyzmatdaşlyk artdy

Şu ýylyň birinji ýarymynda halkara derejesinde kompaniýalaryň arasynda satyn alyş we hyzmatdaşlyk şertnamalarynyň möçberi geçen ýylyň degişli döwründäkiden 30% artyp, 2,6 trillion amerikan dollaryna ýetdi. «Bloomberg» tarapyndan taýýarlanan maglumata görä, 6 aýda bahasy 10 milliard dollardan ýokary bolan jemi 38 şertnama gol çekilipdir. Bu görkeziji 6 aýda hasaba alnan iň ýokary görkeziji bolupdyr. Bilermenler şu ýylyň şertnamalar babatda rekord goýuljak ýyl boljakdygyny belleýärler. Azyk senagaty, energiýa, bank-maliýe ulgamy ýaly dürli ugurda birnäçe şertnama gol çekilipdir.



«NextEra Energy» kompaniýasy «Dominion Energy»-ni 67 milliard amerikan dollaryna satyn almak üçin ylalaşdy. Bu ylalaşyk energiýa pudagyndaky iri şertnamalaryň biri bolupdyr. «AvalonBay Communities» bilen «Equity Residential» kompaniýalarynyň arasyndaky bahasy 50 milliard dollardan geçýän şertnama bolsa, gozgalmaýan emläk pudagyndaky uly geleşikleriň biri hökmünde hasaba alyndy. Azyk önümçiligi bilen meşgullanýan «Unilever» bolsa, «McCormick & Co.» kompaniýasyny 45 milliard dollara satyn alypdyr.

**Kuwwat HUDAÝGULYÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, kapitan.*

## Energetika pudagyna maýa goýar

Hytaý elektrik energiýasynyň önümçiligini, infrastrukturasyny we arassa energiýa pudagyny ösdürmek maksady bilen ummasyz maýa goýum goýar. Ýurtda 2030-njy ýyla çenli bu pudakda 20 trillion ýuan (2,9 trillion amerikan dollary) maýa goýum özleşdiriler. Bu görkezijiniň 65 göterimi elektrik energiýasynyň önümçilik desgalary, 25 göterimi infrastruktura, 10 göterimi bolsa, «ýaşyl» wodorod we ýokary tehnologiýa talap edýän energiýa ulgamlary üçin sarp ediler.



Maglumatlara görä, şu ýylyň maý aýynda ýurduň önümçilik kuwwaty 4 terawatdan geçipdir. 2030-njy ýyla çenli bu görkezijiniň 5,4 terawata ýetmegine garaşylýar. Täze guruljak desgalaryň arasynda arassa energiýa çeşmelerine hem uly orun degişli bolar. Gün we ýel energiýasy umumy öndürilýän elektrik energiýasynyň 50 göteriminden geçer.

Şeýle hem elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglar üçin güýçli infrastruktura dörediler. Geçen ýylyň ahyryndaky ýagdaýa görä, 44 million bolan täze energiýaly ulaglaryň (NEV) sany 2030-njy ýylda 110 milliona, zarýad beketleriniň sany 22,5 milliondan 40 milliona ýetiriler. 2030-njy ýyldan soňra kömrüň sarp edilişi azalyp başlar.

**Güljeren BABAÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýul aýynyň 3-i, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118985
Belgisi: 27/1697
Tiražy: 10340
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Sahna – ykbalymyň syrdaşy



**2000-nji ýyllarda Maýagül Annaýewany ilkinji gezek sahnada gören tomaşaçy ony hindi filmlerindäki mährem we syrly zenanlara meňzedýärdi. Aktrisanyň saldamly hem agras hereketleri asuda ýaňlanýan hindi mukamlarynyň inçe owazyny ýada salýardy. Parahat hem çuňňur duýguly, şol bir wagtda-da hoşroý bu zenan sahnada diňe bir keşp janlandyrman, eýsem, ynsan ykbalynyň iň inçe tarlaryny sarsdyrmagy başarýan özboluşly bir sungat dünýäsini görkezýärdi.**

**Türkmenistanyň at gazanan artisti Maýagül Annaýewa çärýek asyrdan gowrak wagt bäri Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatrynyň sahnasynda tomaşaçylaryň söýgüsini gazanyp gelýär. Onuň keşplerindäki enelik mähri we hünär ussatlygy her bir tomaşaçynyň kalbynda öçmejek yz galdyrýar. Aktrisanyň sungat ýolunda çeken zähmetine döwletimiz we halkymyz tarapyndan hemişe ýokary baha berlip gelinýär. Ol 2007-nji ýylda Türkmenistanyň Ýaşlar baýragyna mynasyp boldy. 2008-nji ýylda bolsa Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» bäsleşiginiň ýeňijisi boldy. 2009-njy ýylda oňa «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen belent at dakyldy. Şeýle-de 2011-nji ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygy» ýubileý medaly, 2019-njy ýylda bolsa «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly bilen sylaglandy. Bu sylaglar Maýagüle täze döredijilik gözlegleri üçin uly ruhy güýç berýär.**

**Biz zehinli aktrisa Maýagül Annaýewa bilen onuň sungat ýoly, täze goýlan «Ak at» spektakly we artist käriniň görünmeýän, emma kalbyň iň inçe duýgularyna aralaşýan taraplary barada söhbetdeş bolduk.**

**– Maýagül, söhbedimiziň başynda sungat dünýäsine ilkinji ädimleriňiz barada ýatlasaňyz? Siziň aktrisa bolmagyňyza näme täsir etdi?**

– «Sungata tötänleýin düşen adamlar uzak saklanmaýar» diýen bir pähim bar. Hakykatdan-da, sungat dünýäsinde diňe oňa ýürekden wepalylar galýar. Meniň durmuşymda teatr tötänlik däl-de, kalbymyň saýlany, ruhumyň hakyky ýoly boldy. Aslynda, hemme zat mekdep ýyllaryndan başlandy. Şol döwürler dürli baýramçylyklara, dabaraly çärelere işjeň gatnaşardym. Mekdepde Ýeňiş gününe bagyşlanan dabaraly ýöriş guralanda, men harby lybasly gyzlaryň başyny çekip, «Katýuşa» aýdymyny aýdyp geçipdim. Şeýdibem mekdebiň folklor toparyna, soňra bolsa Gyzylarbadyň «Köpetdag» folklor ansamblyna saýlandym.

1995-nji ýylda Türkmen döwlet medeniýet institutyna resminamalarymy tabşyrdym. Horeografiýa bölümine girjekdim, emma şol ýyl ol bölüm ýok eken. Seretsem, drama artisti bölümi bar. «Näme üçin synanyşyp görmeli däl?» diýdim. Çagalykda artist bolaryn diýen kesgitli arzuwym ýokdy, ýöne ejem häzir hem: «Seni telewizoryň öňünden zordan aýyrýardyk, spektakllary gözüňi gyrpman görerdiň» diýip ýatlaýar. Aslynda, men teatry saýlamadym, tersine, teatryň özi meni saýlapdyr. Meni bu sungat ýoluna ykbalymyň özi alyp geldi.



**– Talyplyk ýyllary özbaşdak durmuşa ilkinji ädimiňi ädýäň. Işe başlanan ilkinji ýyllar bolsa, islendik hünärmeniň kämilleşýän döwri. Şol döwürler size kimler ýol görkezdi?**

– Talyplyk ýyllary her birimiz üçin özboluşly döwürdi. Elbetde, şol wagtlar talyp durmuşynyň özüne görä kynçylyklary bardy. Teatrdaky kärdeşim Gülälek Akmyradowa bilen şol döwrüň sabyrlylygy talap edýän menzillerini umumyýaşaýyş jaýynda bile geçiripdik. Käte öýümizdäkileri küýsäp, tolgunýan pursatlarym hem boldy. Sebäbi bu meniň özbaşdak durmuşa ilkinji ädimimdi.

Institutda bizi Türkmenistanyň halk artisti Nurmuhammet Keşşikow, Öwez Şarlyýew we Türkmenistanyň at gazanan artisti Oguljan Nyýazberdiýewa ýaly atly-abraýly halypalar okatdy. Nurmuhammet mugallymyň hemişe aýdýan bir sözi bardy: «Eger şu käri saýlan bolsaňyz, ýüregiňiz bilen ýapyşyň. Onuň kynçylyklaryna, şowly we şowsuz günlerine taýyn boluň». Oguljan Nyýazberdiýewa bolsa: «Zenan maşgala üçin artist bolmak örän kyn. Sahnany saýlasaňyz, köp kynçylyklara, polat ýaly erke we käwagt ýalňyzlyga döz gelmeli bolarsyňyz» diýip, durmuşyň hakykatyny öwrederdi.

Okuwy 1999-njy ýylda gutardym. Medeniýet institutynda diplom spektaklymyz görkezilende, teatryň ýolbaşçylary gelip görýärler. Şonda meni we topardaşym Suraý Çaryýewany Mollanepes teatryna saýlan ekenler. Teatra gelen ilkinji günümden meni bu sungata ruhlandyran ynsanlar, teatrda öçmejek yz galdyran uly halypalar boldy. Olaryň sahnada işleýiş usuly, aktyora çemeleşişi biziň üçin özboluşly mekdepdi. Şol döwrüň halypalary täze gelen ýaşlarda sähelçe bir yhlas, sahnada zehin görseler, ýanyna çagyryp, keşp barada ýörite sapak geçerdiler. Sahnada taýýarlyk gidip durka Ýelizaweta Garaýewa we Oguldurdy Mämmetgulyýewa ýaly ägirtleriň işleýşini haýran galyp synlardyk. Şeýle hem uly ussatlar bilen dublýaž sungatynda belli bir döwür bile zähmet çekendigime buýsanýaryn. Sahna mukaddes zat. Sahna biperwaý garamak bolmaýar. Men halypalarymdan sungata ak ýürekli hyzmat etmegi öwrendim.

**– Halypalaryňyzyň öňünde ýaş aktrisa hökmünde ilkinji synagyňyz nähili geçdi? Sahnadaky ilkinji keşbiňiz ýadyňyza düşýärmi?**

– 1999-njy ýylyň awgust aýynda işe başladym. Maňa ilki bilen «Nejep oglan» spektaklynda keşp ynanyldy. Sahnada Oraz Arrykow, Bally Ýakubow, Annamyrat Myradow, Myrat Berdiýew ýaly belli artistler bardy. Olaryň öňünde ýaş aktrisa hökmünde uly jogapkärçilik duýdum, içki çekinjeňligimi ýeňip geçmek uly synag boldy. Ikinji gatnaşan uly oýnum «Bernarda Albanyň öýi» boldy, baş keşpde Ýelizaweta Garaýewa oýnaýardy. Hut şolar ýaly ägirtler bilen işleşseň, ýyllar geçdigiçe, sahna saňa öz syrlaryny açyp başlaýar.

**– Teatr we kino aktrisanyň gözi bilen nähili görünýär, size olaryň haýsysy has ýakyn?**

– Teatryň ýeke-täk we iň uly artykmaçlygy onuň janlylygydyr. Sahnada sen tomaşaçy bilen bile dem alýarsyň. Kinonyň güýji bolsa başgaça: ol seni bir wagtda millionlarça ynsana tanadyp, meşhur edip bilýär. Men hem çeper filmlerde surata düşdüm, meşhur kinorežissýorlar Muhammet Söýünhanow, Saparmuhammet Jallyýew, Batyr Batyrow, Kakow Orazsähedow ýaly ussatlar bilen işleşdim. Ýöne teatryň berýän ruhy lezzetini nämüçindir, kinoda doly duýup bilmedim. Şonuň üçin hem häzir bar ünsümi teatra gönükdirýärin.

Režissýorlar we tomaşaçylar meni köplenç drama gahrymany hökmünde görýärler, emma muny diňe bir drama bilen çäklendirmek dogry däl. Teatryň ajaýyp tarapy – ol saňa dürli häsiýetli keşplerde oýnamaga mümkinçilik berýär. Men özümi şadyýan keşplerde hem synap gördüm, geljekde-de tomaşaçylarymyzy begendirjek şeýle gahrymanlaryň üsti bilen sahna çykmagy niýet edinýärin. Bizde halypalaryň aýdýan owadan bir deňeşdirmesi bar: «Stanislawskiniň usulyýetine görä, aktýor sahnada plastilin ýaly maýyşgak, juda çeýe bolmalydyr». Režissýor göz öňüne getiren gahrymanyny döretmek üçin ony haýsy tarapa öwürse, aktýor hem şol keşbe doly girip bilmelidir.

**– Geçen döwürleriň teatry bilen deňeşdirilende, häzirki zaman teatrynda nähili üýtgeşmeler bar?**

– Mundan ýarym asyrdan hem gowrak wagt ozal teatrda söz öňe çykýardy, täsirli sözlere esaslanýan joşgunly sahna oýny höküm sürýärdi. Aman Gulmämmedow, Bazar Amanow, Suraý we Sona Myradowalar, Gylyç Durdyýew ýaly ägirtlerimiz şol mekdebiň wekilleridi. Ýyllar geçdigiçe, teatryň ruhy howasy üýtgedi. Häzir dünýäde azsözlülik we sahna hereketi öňe çykdy. Sahnada pessaý, tebigy we adaty gürlemek häzirki zaman dünýä teatrlarynyň iň esasy aýratynlygynyň biridir. Mysal üçin, režissýor Mekan Jumabaýewiň golaýda Baba Annanowyň pýesasy esasynda sahnalaşdyran «Ak at» spektakly munuň aýdyň subutnamasydyr. Öňler sesi doly ýetirmek islegi sebäpli gatyrak gürlemeli bolýardylar. Emma sesiň gereginden artyk galdyrylan ýerinde, gahrymanyň kalbyndaky şol pessaý owazly içki inçelik ýitip bilýärdi. Mekan «Ak at» spektaklynda şol kynçylygy ýeňip, pessaý ses bilen hem tomaşaça täsir edip bolýandygyny subut etdi.

**– «Ak at» spektaklynda Jemalyň keşbini ussatlyk bilen janlandyrdyňyz, aktrisa hökmünde ol size näme berdi? Sahna ýapylandan soň şol agyr ykbaly özüňizden nädip aýyrdyňyz?**

– Ozal iň gowy keşplerim barada soran bolsaňyz, men şol wagtlar «Bakylyk binýadyndaky» How enäniň, «Söýgi we mekirlikdäki» palçy aýalyň, «Sallahlardaky» Altyngözeliň, «Gelin gelýärdäki» Aýsadabyň, «Ömür daragtyndaky» Melike hatynyň, «Ýusup-Züleýhadaky» Züleýhanyň, «Halal hazynadaky» Göwheriň, «Gelinleriň gozgalaňyndaky» Mähriniň arasyndan «Romeo we Julýettadaky» hanym Kapulettini saýlardym. Ýöne häzir meniň üçin diňe «Ak at» spektaklyndaky Jemal bar. Ol maňa döredijiligimiň iň uly ruhy kämilligini berdi. 1948-nji ýylyň ýertitremesi – halkymyzyň uly pajygasy. On sekiz ýyllap perzendine garaşan, çagalar öýünden öz perzendini gözleýän enäniň hasratyny «ýaşamak» bütin barlygyňy, durky-düýrmegiňi pida etmegi talap edýärdi. Biz bu eseriň sahnalaşdyrylmagyna iki ýyldan gowrak garaşdyk. Ýaş, zehinli režissýor Mekan Jumabaýewiň öňümizde goýan çeperçilik wezipeleri biziň döredijilik dünýämizi bütinleý sarsdyrdy. Taýýarlyk döwründe şeýle uly ruhy dartgynlylygy başdan geçirendigim sebäpli, hatda gijelerine-de içki tolgunmamyň köşeşmeýän pursatlary boldy. Sahnada Gülälek Akmyradowa (Nazyra) bilen gabatlaşyp, iki ene bolup hasratymyzy, mährimizi paýlaşdyk. Oýundaky: «Näme üçin biriniň bagtly bolmagy üçin başga biri betbagtçylyga uçramalyka?» diýen sowal her bir tomaşaçyny oýa batyrdy. Käte gahrymanyň täsirinden çykmaga maňa tomaşaçylar kömek edýär. Oýun gutarandan soň zalda oturan ynsanlaryň gözlerindäki mährini duýanymda, egnimdäki uly ýüküň ýeňländigini bilýärin.

**– Käte sahnalaşdyrýan keşbiňiziň içki dünýäňiz bilen utgaşmaýan pursatlary hem bolýarmy?**

– Elbetde, şeýle ýagdaýlar hem bolýar. Meniň pikirimçe, islendik keşbiň ýürege ornaşmagyny kynlaşdyrýan zat – aktýoryň öz gahrymanyna doly düşünip bilmezligidir. Aslynda, aktýor öz gahrymanynyň «aklawçysy» bolmalydyr. Sahnada kämilleşmek we şol ykbaly özüňe siňdirip bilmek üçin elmydama öz-özüňe: «Näme üçin men şu wagt bu ýerde? Näme üçin bu waka meniň gahrymanymyň başyna geldi?» diýen sowallary bermeli. Şol sowallara içki dünýäňde dogry jogap tapylsa, keşp kalbyňa ornaşýar we kämilleşýär.

Ýöne käte näçe synanyşsaňam, içki dünýäňe garşy gidip bilmeýän pursatlaryň hem bolýar. Mysal üçin, režissýor Bilbil Mämmedow maňa «Parawbibi» spektaklyndaky mukaddes gyzyň keşbini hödürlände, özümi oňa mynasyp görmän, çekinip ýüz öwrüpdim. Şeýle-de Kakajan Aşyrowyň «Bagt kenarynda» spektaklynda başga bir aktrisanyň ýerine oýnan keşbimiň asyl niýetini näçe aýdyňlaşdyrsam-da, ol barybir içki dünýäme doly gabat gelmedi we ony başga biriniň oýnamalydygyny sypaýyçylyk bilen duýdurdym. Şonda-da sungat ýolundaky 27 ýylymyň içinde döreden ähli gahrymanlarymy tüýs ýürekden söýýärin.

**– Dramaturg, režissýor we aktýor gatnaşyklary neneňsi orun tutýar? Pikirleriňiz utgaşmadyk pursatlarynda nädip ylalaşyk gazanylýar?**

– Gürrüňsiz, sahnada režissýoryň pikiriniň möhüm orny bar. Dramaturg eseri ýazsa-da, oňa sahnada režissýor täze ömür berýär. Ol edil bina gurulmazdan öň çyzgysyny taýýnlaýan binagär ýaly, hemme keşbi aňynda ýaşap görýär. Döredijilik işinde awtor bilen režissýoryň pikirleriniň çaknyşýan pursatlary hem bolýar. Mysal üçin, ýazyjy Nobatguly Rejepowyň pýesalary esasynda režissýor Eziz Işangulyýewiň goýan «Halal hazyna» spektaklynyň taýýnlyklarynda şeýle ýagdaýlar bolupdy. Nobatguly aga her bir sözüniň goraýjysy bolup dursa-da, režissýor oňa öz çeperçilik garaýşyny düşündirmegi başarypdy. Şonuň ýaly-da, «Tumarşa» spektaklynyň deslapky taýýnlyk işlerinde pýesanyň asyl nusgasyndaky käbir ýordum öwüşginleri boýunça özara pikir alşypdyk. Men merdana Tumar şanyň watançylyk we maşgala mukaddesligi ýaly asylly garaýyşlarynyň tomaşaçylarymyza has täsirli görnüşde ýetirilmelidigi barada aýtdym. Halypa ýazyjymyz, dramaturg Gowşutgeldi Daňatarow hem bu tekliplerimizi goldap, spektaklyň kämil görnüşde çykmagyny makullady.

**– Arkadag şäheriniň dabaraly açylyşynda Saçly Dursunowanyň keşbini janlandyranyňyz ýadymda.**

– Hawa, şol dabarada ussat lukman, alym we uruş weterany Saçly Dursunowanyň keşbini janlandyrmak ynanyldy. Bu şol bir wagtyň özünde hem uly bagtdy, hem-de çynlakaý synagdy. Bary-ýogy 5-10 minutyň içinde uly taryhy şähsyýetiň bütin ömrüni, bitiren hyzmatlaryny tomaşaça ýetirmek aňsat däl. Bu aktýordan diňe bir döredijilik ussatlygyny däl, eýsem, ägirt uly jogapkärçiligi hem talap edýän eken. Ýöne şol gysga pursatda tomaşaçylaryň ýüregine ýol tapyp bilendigime begenýärin.

**– Edebiýat bilen sahnanyň özara arabaglanyşygy nämede?**

– Edebiýatsyz sahnany asla göz öňüne getirip bolmaýşy ýaly, Wilýam Şekspir, Aleksandr Ostrowskiý, Anton Çehow ýaly dünýä derejesindäki nusgawy ýazyjylaryň eserlerini we öz milli awtorlarymyzyň galamyna degişli eserleri hem sahnasyz göz öňüne getirmek mümkin däldir. Sahnada goýulýan eserleriň ählisiniň özeni edebiýatdyr. Ýazyjynyň galamyndan çykan her bir eser onuň kalbynyň perzendidir. Awtoryň aňynda, beýnisinde döreden gahrymanlarynyň sahna çykyp, janlanyp, gepläp başlamagyny görmek dramaturg üçin iň uly buýsançdyr.

Aktýor sahna çykanda ilki bilen eline keşbi alýar, keşp bolsa pýesadan, ýagny edebiýatdan ybaratdyr. Şonuň üçin hem aktýor bilen režissýoryň arasyndaky döredijilikli arabaglanyşyk neneňsi güýçli bolsa, edebiýat bilen teatryň arabaglanyşygy hem şonça-da berkdir. Teatr bilen edebiýaty biri-birinden aýryp bolmaýar.

**– Häzirki wagtda teatrlaryň kämilleşmegi üçin haýsy ugurlara aýratyn üns berilmeli we teatrlarda nämelere isleg bar?**

– Teatrlarda täze, çuňňur manyly dramaturgiýa we döwrebap režissýorlyk garaýşyna isleg uly. Halypalaryň ýanyna täzeçe garaýşy bolan ýaş hünärmenleriň goşulmagy, taryhy gahrymanlary we milli gymmatlyklary suratlandyrýan täze pýesalaryň hem-de ýaş dramaturglaryň sanynyň artmagy wajypdyr. Bu ugurda Baýram Abdyllaýew, Nobatguly Rejepow, Begi Suhanow, Gylyçmyrat Kakabaýew ýaly belli dramaturglarymyzyň baý edebi hem-de sahna mirasyny öwrenmek we dünýä edebiýatynyň nusgawy eserlerine ýüzlenmek esasy ugurlaryň biridir.

**– Internet platformalarynyň ösen eýýamynda adamlar ýene-de teatra dolanyp gelýärler. Bu barada garaýşyňyz?**

– Hawa, häzirki wagtda tehnologiýanyň ösmegi bilen, durmuşymyzda gysga göwrümli wideolara esaslanýan internet platformalary köpeldi. Adamlar käte gymmatly wagtlaryny şol ýüzleý wideolara sarp edýärler. Ýöne adamlaryň ýene-de teatra gelmeginiň baş sebäbi – teatryň janlylygyndadyr. Teatr emeli, ruhsuz we wagtlaýyn däl, onuň barlygynyň we bakylygynyň iň uly güýji hem şundadyr. Tomaşaçy zala gelende, sahna bilen utgaşyp gidýär, sahnadaky wakalary artistler bilen deň derejede başdan geçirýär. Şol gysga wideolar adama basym täsir edip, tiz wagtda ýatdan çykýan bolsa, kämil spektakl tomaşaçyny uzak wagtlap öz erkine goýmaýar, çuňňur oýa batyrýar.

**– Maýagül, geljekki meýilnamalaryňyz, arzuw-maksatlaryňyz barada-da durup geçseňiz?**

– Geljekki iň uly maksadym aktrisa hökmünde türkmen teatr sungatynyň dünýä derejesindäki abraýly ornuny has-da berkitmäge, täze döredijilik belentliklerine götermäge mynasyp goşant goşmakdyr. Häzirki wagtda biziň sahnalarymyzda örän kämil, döwrebap eserler sahnalaşdyrylýar. Men şol spektakllarda çykyş edýän zehinli artistlerimiziň ukybyny dünýä tomaşaçylarynyň has ýakyndan synlamagyny we baha bermegini isleýärin. Halkara tejribeli ýaş režissýorymyz Mekan Jumabaýewiň sahnalaşdyran täze «Ak at» spektaklynyň halkara festiwallara gatnaşmagy, teatr sungatymyzyň häzirki ösüşini dünýä jemgyýetçiligine görkezmek ugrunda işler alnyp barylýar. Geljekde dünýäniň nusgawy edebiýatynyň iň gowy eserlerine täze stilde, täze formatda has köp ýüz tutulmagyny isleýärin.









**– Söhbedimiziň ahyrynda okyjylarymyza aýtjak ýürek sözleriňiz?**

– Men hemişe tomaşaçylarymyza şeýle diýýärin: teatra geleniňizde gulagyňyzy, gözüňizi we iň esasy zat – kalbyňyzy ýanyňyz bilen alyp geliň. Gündelik durmuşyň ähli aladalaryny, telefonlaryňyzy teatryň daşynda galdyryň hem-de şol mukaddes ümsümligiň içinde sahna bilen ýüzbe-ýüz boluň.

Sungat işgärleri üçin häzirki bagtyýar zamanamyzda kämil eserleri sahnalaşdyrmaga giň mümkinçilikler döredilýär. Halkymyzyň medeniýetini, teatr sungatyny belent derejelere göterýän, bize döredijilikli işlemek we kämilleşmek üçin ähli şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden sagbolsun aýdýaryn. Goý, milli medeniýetimiz we teatr sungatymyz mundan beýläk-de täze ösüşlere beslensin!

**– Gyzykly we täsirli söhbediňiz üçin köp sag boluň!**

**Söhbetdeş bolan**
**Ýegenmämmet TAÝLYÝEW,**
*«Zaman-Türkmenistan».*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
gysga setirlerde

**Ýubileý pasporty hödürlendi.** Donald Tramp ABŞ-nyň Garaşsyzlygynyň 250 ýyllygyna bagyşlanyp çykarylјak iç tarapynda öz portreti we goly bolan ýubileý pasportlarynyň nusgasyny tanyşdyrdy.



Daşy altynsow harplar bilen bezelen çäkli mukdardaky bu pasportlar Döwlet departamenti tarapyndan «America250» maksatnamasy esasynda taýýarlanyldy. Ony ABŞ-nyň raýatlary diňe Waşingtondan alyp biler.

**Konstitusiýa üýtgetme girizildi.** Wengriýanyň parlamenti Konstitusiýa üýtgetme girizip, Premýer-ministriň ygtyýarlylygyny iki möhlet (jemi 8 ýyl) bilen çäklendirdi.



15-nji iýunda geçirilen ses berişlikde täze Premýer-ministr Peter Madýaryň «Tisa» partiýasynyň öňe süren bu başlangyjyny 134 deputat makullap, «Fides» partiýasyndan 50 deputat garşy ses berdi.

**Pikassonyň eseri satyldy.** Londonyň «Sotheby's» söwda öýünde meşhur suratkeş Pablo Pikassonyň fotosuratçy Dora Maaryň keşbi şekillendirilen portreti 1,7 million amerikan dollaryna satyldy.



Pikassonyň 1936-njy ýylda tanyşlygynyň ilkinji günlerinde oňa sowgat beren bu eserini Dora Maar aradan çykýança, 1997-nji ýyla çenli öýünde saklapdyr. Surat soňra britaniýaly işewür Jo Lýuisiň gymmatbahaly kolleksiýasynyň bir bölegine öwrülipdir.

**BAE-de täze demir ýol ugurlary açylar.** Birleşen Arap Emirlikleri sentýabr aýynda Abu-Dabi we Dubaý şäherleriniň arasynda täze ýolagçy otly gatnawlaryny ýola goýar.



«Etihad Rail» kompaniýasynyň taslamasynyň ilkinji tapgyry iýun aýynyň ahyrynda paýtagt bilen El-Fujeýranyň arasynda açyldy, güýzde bolsa oňa Şarja hem goşular. Ýolagçylara amatlylyk üçin wokzaldan ýörite awtobuslar we metro gatnawlary ýola goýlar.

**Plastik hirurgiýanyň dünýä merkezi.** Halkara estetik plastik hirurgiýa jemgyýetiniň maglumatlaryna görä, Hindistan hyzmatlaryň elýeterliligi we ýokary hili netijesinde daşary ýurtly müşderileriň iň köp barýan ýurtlarynyň ilkinji onlugyna girdi.



ABŞ-dan we Ýewropadan barýan müşderileriň hasabyna ýurduň gözellik pudagynyň bahasy 4 milliard dollardan geçdi.

**Elektroulaglaryň zarýad beriş ulgamy giňelýär.** Hytaýda elektroulaglara zarýad berilýän beketleriň sany maý aýynyň ahyryna çenli 22,49 milliona ýetip, geçen ýyldakydan 44,9% ýokarlandy.



Maglumatlara görä, ýurtda 2027-nji ýyla çenli bu görkezijini 28 milliona ýetirmek we 80 milliondan gowrak elektroulagy zarýad bilen üpjün etmek meýilleşdirilýär.

**Gündogar Afrikada täze deňiz dörär.** Alymlaryň çaklamalaryna görä, Efiopiýanyň Afar sebitinde dowam edýän tektonik plitalaryň süýşmegi we geologik hadysalaryň netijesinde geljekde täze deňiz emele geler. Ýer gabygynyň ýukalmagy we 50 kilometrlik magma gatlagynyň jaýrylmagy netijesinde, millionlarça ýyldan soň bu çöketlik Gyzyl deňziň suwy bilen dolar we täze deňiz emele geler.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1953-nji ýylyň 3-nji iýulynda awstriýaly meşhur alpinist German Bul adamzat taryhynda ilkinji bolup beýikligi 8 müň 126 metre barabar bolan ägirt uly Nanga Parbat dagynyň çylşyrymly gerşine üstünlikli çykmagy başardy.**



**Buluň daga dyrmaşmagyň taryhynda iň howply ýer hasaplanýan bu belentlige çykmagy halkara sport äleminde öçmejek yz galdyrdy.**

# BAŞ ASSAMBLEÝANYŇ TÄZE KARARNAMASY

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy Täjigistanyň başlangyjy esasynda taýýarlanan Kararnamany kabul edip, 2027 – 2036-njy ýyllar aralygyndaky döwri Geljekki nesilleriň hatyrasyna «Parahatçylygy pugtalandyrmagyň halkara onýyllygy» diýip yglan etdi. BMG-niň Baş sekretaryna, ýöriteleşdirilen edaralaryna, sebit komissiýalaryna hem-de beýleki düzümlerine hökümetler, raýat jemgyýeti we ähli gyzyklanma bildirýän taraplar bilen hyzmatdaşlykda bu onýyllygyň çäklerinde meýilleşdirilýän çäreleri durmuşa geçirmäge ýardam etmek tabşyryldy.



Resminama agza döwletleriň parahatçylygy berkitmek, nesilleriň arasyndaky dialogy hem-de raýdaşlygy ösdürmek ugrundaky özara ygrarlylygyny tassyklaýar. Onýyllygyň esasy maksady parahatçylygy pugtalandyrmaga, özara ylalaşygy ösdürmäge, şeýle hem döwlet syýasatyny işläp taýýarlamakda geljekki nesilleriň bähbitlerini göz öňünde tutmak üçin dürli ýaşly nesilleri – çagalary, ýaşlary we uly ýaşly adamlary birleşdirmäge ýardam etmekden ybaratdyr. Şeýle hem Kararnamada inklýuziw syýasy prosesler, özara ynamy berkitmek çäreleri, gapma-garşylyklardan soňky dikeldiş hem-de jemgyýetçilik agzybirligini üpjün etmäge gönükdirilen uzak möhletli maýa goýumlar arkaly parahatçylygy we milli agzybirligi gazanan döwletleriň goşandyna ýokary baha berilýär.

Resminamada BMG-niň Tertipnamasynyň maksatlary we ýörelgeleri, şol sanda geljekki nesilleri uruş betbagtçylyklaryndan halas etmek hem-de halkara jedelleri parahatçylykly ýollar arkaly çözmek ugrundaky tagallalary bellenilip geçilýär. Mundan başga-da, Parahatçylyk medeniýeti baradaky Jarnamanyň we Hereketleriň maksatnamasynyň ähmiýeti, şeýle-de 2024-nji ýylda geçirilen Geljegiň sammitinde kabul edilen borçnamalar we «Geljegiň paktynyň» düzgünleri aýratyn nygtalýar. Şol bir wagtda, Baş Assambleýa sebitdäki oňyn özgerişlikleri bellemek bilen, Täjigistanyň, Gyrgyzystanyň we Özbegistanyň serhet meselelerini parahatçylykly ýollar bilen kadalaşdyrmak hem-de degişli ylalaşyklara gol çekmek ugrundaky tagallalaryna ýokary baha berdi.




# Çarwadarlaryň Bütindünýä oýunlary guralýar

**Şu ýylyň 31-nji awgust – 6-njy sentýabry aralygynda Gyrgyz Respublikasynda Çarwadarlaryň Bütindünýä oýunlary geçiriler. Gyrgyzystanyň «Kabar» döwlet habarlar agentliginiň Çarwadarlaryň Bütindünýä oýunlarynyň Halkara sekretariatynyň jemgyýetçilik bilen gatnaşyklar bölümine salgylanyp habar bermegine görä, bu iri halkara çärä dünýäniň 95-den gowrak ýurdundan wekilleriň, 3 müňden gowrak sport, medeniýet we ylym wekiliýetleriniň, şeýle hem dünýäniň dürli künjeklerinden akkreditirlenen 600-den gowrak köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň gatnaşmagyna garaşylýar.**

**Halkara sport we medeni çäräniň öňüsyrasynda guralan ählumumy kommunikasiýa kampaniýasynyň başlanmagyny alamatlandyrýan we mahabat edýän «Çagyryşyň ýaňlanýan ýeri» atly wideorolik köpçülige hödürlendi. Bu wideoşekil nesilleriň, medeniýetleriň we däp-dessurlaryň arasyndaky özara baglanyşyklary, serhetlere garamazdan, adamlary birleşdirýän gymmatlyklary wasp edýär. Gyrgyzystanyň gözel tebigatyny şekillendirýän bu gysga göwrümli film tomaşaçylary ýurduň çarwadarçylyk mirasy, milli sport görnüşleri hem-de medeni gymmatlyklary bilen ýakyndan tanyşmaga çagyrýar. Tanyşdyrylan bu wideoýazgy dünýä derejesinde guralýan giň gerimli halkara çäräniň çäklerinde sanly platformalarda, halkara habar beriş serişdelerinde, şeýle hem dünýäniň dürli künjeklerinde geçiriljek resmi tanyşdyrylyş dabaralarynda we mahabat çärelerinde giňden ulanylar.**

## 10 milliard ýewrolyk ylalaşyk

Ýewropa Bileleşigi we Gazagystan Brýusselde geçirilen işewürlik forumynyň çäginde umumy bahasy 10 milliard ýewro barabar bolan 30 sany täze täjirçilik ylalaşygyna gol çekdiler. Bu şertnamalar Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewiň Brýussele amala aşyran resmi saparynyň netijeleri boýunça gazanylyp, olar taraplaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklary täze derejä çykarmaga we «Orta geçelge» (Hazarüsti halkara ulag ugry) ulgamyny ösdürmäge gönükdirilendir. Şunda esasy orun Gazagystanyň «Samruk-Kazyna» döwlet gaznasyna degişli bolup, ol 8,4 milliard ýewro möçberinde şertnama baglaşdy. Baglaşylan iň iri ylalaşyk «Air Astana» milli awiakompaniýasynyň «Airbus» konserninden 7,3 milliard ýewro gymmatynda 50 sany A320 uçaryny satyn almagy baradaky ylalaşyk boldy. Şeýle-de Fransiýanyň «Alstom» kompaniýasy bilen lokomotiwlere tehniki hyzmat etmek barada 967 million ýewrolyk şertnama gol çekildi.

Bu taryhy sapar we resminamalara gol çekilmegi 2025-nji ýylyň aprelinde Samarkantda geçirilen «ÝB – Merkezi Aziýa» sammitinde Ýewropa Komissiýasynyň Başlygy Ursula fon der Lýaýen tarapyndan yglan edilen sebit üçin 12 milliard ýewrolyk maýa goýum paketiniň durmuşa geçirilip başlanandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Saparyň çäginde taraplar diňe bir täjirçilik däl, eýsem, strategik häsiýetli resminamalara, şol sanda Gazagystanyň raýatlary üçin şengen wizalarynyň berilmesini ýeňilleşdirjek we taraplaryň arasyndaky uçar gatnawlaryny giňeltjek Gorizontal awiasiýa ylalaşygyna hem gol çekdiler.



Gazagystanyň Prezidenti Ýewropa Bileleşiginiň öz ýurdy üçin iň iri söwda we maýa goýum hyzmatdaşydygyny, häzirki wagtda Gazagystanda Ýewropa Bileleşiginiň 4 müňe golaý kompaniýasynyň işleýändigini we geçen ýyl ikitaraplaýyn haryt dolanyşygynyň 45 milliard dollardan geçendigini aýratyn belledi. Şeýle hem Gazagystan Ýewropanyň senagat özgertmelerine zerur bolan 34 sany strategik möhüm seýrek duş gelýän elementleriň 21 görnüşini üpjün etmäge taýýardygyny mälim etdi. Taraplar bu hyzmatdaşlygyň global logistika zynjyrynda ygtybarly we netijeli ugurlary döretjekdigine ynam bildirdiler.

## Sebitiň maýa goýum ugurlary

Ýewropanyň öňdebaryjy maliýe edaralarynyň we guramalarynyň wekilleri Daşkent halkara maýa goýum forumynyň barşynda Merkezi Aziýa sebitine maýa goýumlaryny çekmegiň esasy şertleriniň durnukly kadalaşdyryjy hukuk binýadyny döretmekden, taslamalary netijeli taýýarlamakdan we sebitara ulag-logistika gatnaşyklaryny berkitmekden ybaratdygyny mälim etdiler.




Hünärmenleriň we diplomatlaryň bellemegine görä, sebitiň ummasyz tebigy baýlyklary hem-de geostrategik ýerleşişi daşary ýurtly hyzmatdaşlarda uly gyzyklanma döretse-de, maýa goýum gurşawynyň durnuklylygyny we ygtybarlylygyny ilkinji nobatda kämil kanunçylyk binýady üpjün edýär. Şunuň bilen baglylykda, Ýewropa Bileleşiginiň sebit boýunça strategik ugurlary anyk hukuk gurşawyny kemala getirmäge, taslamalary maliýeleşdirmäge we ulag-gatnaw ulgamyny ösdürmäge gönükdirilendir. Şu maksat bilen, Ýewropa maýa goýum banky Merkezi Aziýada öz işini has-da giňeltmek üçin Daşkent şäherinde täze wekilhanasyny açýar.

Häzirki wagtda sebitiň bäş döwletiniň arasyndaky özara hyzmatdaşlygyň güýçlenmegi we ykdysady integrasiýanyň çuňlaşmagy Merkezi Aziýany halkara arenada özbaşdak we bäsdeşlige ukyply tarap hökmünde kemala getirýär. Ýewropaly hyzmatdaşlar sebitiň durnukly ykdysady ösüşini goldamak maksady bilen, synagdan geçen taslamalaryň maliýe taýdan bähbitli bolmagyna, syýasy töwekgelçilikleri ätiýaçlandyrmaga hem-de ekologiýa we durmuş ölçeglerine laýyk gelmegine aýratyn ähmiýet berýärler. Şeýle hem sebitara ulag geçelgelerini, aýratyn-da, Hazar deňzi arkaly geçýän Transhazar halkara ulag ugruny (Orta geçelge) ösdürmek maýa goýum syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenildi. Ulag-logistika düzümini kämilleşdirmek, gümrük we serhet amallaryny ýönekeýleşdirmek hem-de resminama dolanyşygyny sanlylaşdyrmak diňe bir Ýewropa bilen gatnaşyklary däl, eýsem, sebitiň içindäki söwda dolanyşygyny hem täze şertlere laýyklykda döwrebaplaşdyrmaga mümkinçilik berer.

## Parlament saýlawlary geçiriler

Russiýa Federasiýasynda Döwlet Dumasynyň täze çagyrylyşynyň deputatlarynyň saýlawlary şu ýylyň sentýabr aýyna bellendi. Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putiniň bu baradaky degişli Permany resmi hukuk maglumatlary portalynda çap edildi.

Döwlet Baştutanynyň gol çeken resminamasynda Russiýa Federasiýasynyň Federal ýygnagynyň Döwlet Dumasynyň deputatlarynyň nobatdaky saýlawlarynyň 20-nji sentýabrda geçiriljekdigi mälim edilýär.




Mundan başga-da, şol bir bitewi ses beriş lik gününde ýurt boýunça dürli derejelerdäki 2,2 müňden gowrak saýlaw kampaniýasynyň guralmagy meýilleşdirilýär. Olaryň çäklerinde Russiýanyň 11 sany sebitiniň ýolbaşçylary saýlanar. Bu sebitleriň 8-isinde ýerli häkimiýetleriň ýolbaşçylary göni ses berişlik arkaly, beýleki üç subýektde bolsa sebit kanun çykaryjy edaralary tarapyndan wezipä belleniler. Russiýa Federasiýasynyň subýektleriniň kanun çykaryjy edaralarynyň deputatlarynyň saýlawlaryny bolsa jemi 39 sebitde geçirmek göz öňünde tutulýar.

## Keýko Fuhimori ýeňiş gazandy

Peruda geçirilen Prezident saýlawlarynda sagçylaryň «Halk güýji» partiýasynyň dalaşgäri Keýko Fuhimori sesleriň ýarysyndan gowragyny gazanyp, ýeňiş gazandy. Ýurduň Saýlaw proseslerini guramak boýunça milli müdirliginiň (ONPE) sesleriň 100 göterimi sanalandan soňra yglan eden resmi netijelerine görä, Keýko Fuhimori saýlawçylaryň 50,135 göteriminiň (9 million 223 müň 396) sesini almagy başardy. Onuň esasy bäsdeşi, çepçileriň «Peru bilen bilelikde» partiýasynyň wekili Roberto Sançes bolsa 49,865 göterim ses (9 million 173 müň 755) toplady. Ýeňiş gazanan Keýko Fuhimori 1990 – 2000-nji ýyllar aralygynda Peruny dolandyran ozalky Prezident Alberto Fuhimoriniň gyzydyr. Milli saýlaw toparynyň başlygy Roberto Burneonyň habar bermegine görä, şu gün – 3-nji iýulda Keýko Fuhimori resmi taýdan saýlawlaryň ýeňijisi diýlip yglan ediler. Bu saýlawlar Keýko Fuhimoriniň syýasy durmuşynda taryhy ähmiýete eýedir, sebäbi ol mundan ozal hem birnäçe gezek Prezident saýlawlarynda bäsleşip, örän az ses tapawudy bilen ýeňlişe




sezewar bolupdy. Mundan başga-da, bu ýeňiş ýurtda çepçi we sagçy güýçleriň arasyndaky syýasy bäsdeşligiň iň ýiti döwrüne gabat geldi, çünki iki dalaşgäriň arasyndaky tapawut bary-ýogy 0,27 göterime (50 müň sese) barabar boldy. Perunyň kanunçylygyna görä, täze Prezident resmi taýdan yglan edilenden soňra ýurduň Garaşsyzlyk gününde, ýagny 28-nji iýulda dabaraly ýagdaýda kasam kabul edip, öz wezipesine girişer.

## SUNGAT GALEREÝASY AÇYLAR

Wersal köşk-muzeý toplumynda ABŞ-nyň Garaşsyzlygynyň 250 ýyllygy mynasybetli täze sungat galereýasy açylýar. 4-nji iýulda gapylaryny giňden açjak bu sergi, aýratyn taryhy ähmiýete eýe bolan otaglarda ýerleşdirildi. Bu ýerde patyşalyk döwründe Lýudowik XVI Benjamin Franklini kabul edipdir hem-de Fransiýa 1778-nji ýylda Amerikanyň özygtyýarlylygyny resmi taýdan ykrar edipdir. Täze galereýanyň ekspozisiýasyna muzeýiň öz gaznasyndan alnan ajaýyp suratlar, heýkeller we portretler girizildi. Bu medeni gymmatlyklar Garaşsyzlyk ugrundaky göreşiň görnükli syýasy, diplomatik hem-de harby işgärleri bolan Benjamin Frankliniň, Markiz Lafaýetiň we Jorj Waşingtonyň taryhy keşplerine täzeçe baha bermäge mümkinçilik döredilýär.

Bu medeni taslama taryhy taýdan Pariž bilen Waşingtonyň arasyndaky gatnaşyklaryň we özara goldawyň taryhyny görkezmekde, şeýle hem Fransiýanyň diplomatiýadaky «ýumşak güýjüniň» täsirini dabaralandyrmakda möhüm orun eýeleýär. Taslamanyň esasy maksady Birinji jahan urşundan soňky ýyllarda dörän taryhy däpleri dowam etdirmekden hem-de Fransiýanyň XVIII asyrda amerikalylara beren goldawyny we iki ýurduň arasyndaky köpasyrlyk hyzmatdaşlygy



taryhy gymmatlyklar arkaly görkezmekden ybaratdyr. Mundan başga-da, bu taryhy mekanda golaýda Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makronyň resmi sapar bilen gelen ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trampy kabul edendigi hem-de bu ýerde ýokary derejeli duşuşyklaryň geçirilendigi bellenilýär.

## Litwanyň täze Premýer-ministri

30-njy iýunda Litwa Respublikasynyň Parlamenti (Seým) Mindaugas Sinkýawiçýusy ýurduň Premýer-ministri wezipesine tassyklady. Ol 2024-nji ýylda geçirilen parlament




saýlawlarynda sosial-demokratlar partiýasynyň ýeňiş gazanmagyndan soň, parlamentiň häzirki çagyrylyşynda bu wezipä bellenilen üçünji sosial-demokrat boldy. Täze hökümet Baştutany dolandyryjy koalisiýanyň düzümindäki özgertmelerden soň golaýda wezipesinden çekilen Inga Ruginenenıň ornuna geçdi. Ýurduň kanunçylygyna laýyklykda, 42 ýaşly syýasatçynyň täze Ministrler Kabinetini döretmek we hökümet maksatnamasyny taýýarlamak üçin 15 gün möhleti bolup, taýýarlanjak resminamalar Litwanyň Prezidenti Gitanas Nauseda bilen ylalaşylmalydyr hem-de Seým tarapyndan tassyklanmalydyr.

Parlamentiň öňünde çykyş eden Mindaugas Sinkýawiçýus halkyň agzybirligini saklamaga we batyrgaý çözgütleri kabul etmäge çalyşjakdygyny aýratyn belledi. Täze Premýer-ministriň syýasy durmuşy Ýonawa şäheri bilen aýrylmaz baglanyşykly bolup, ol 2011-nji ýyldan bäri bu şäheriň häkimi wezipesinde zähmet çekip gelýär. Mundan başga-da, ol 2016-njy ýylda Litwanyň ykdysadyýet ministri wezipesinde hem gysga wagtlaýyn işläpdi. Ýurtda häkimiýet ugurlarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy täze derejä ýetirmäge we durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen bu ýagdaýa Litwanyň içeri syýasatyndaky möhüm tapgyrlaryň biri hökmünde baha berilýär.

# DÜNÝÄ KUBOGYNYŇ ILKINJI GOLUNY KIM GEÇIRDI?!

**Dünýäde iň köp tomaşa edilýän iki sport çäresiniň biri bolan Dünýä Kubogy uludan-kiçi hemmäniň sabyrsyzlyk bilen garaşýan futbol baýramçylygy hasaplanýar. Ilkinji gezek 1930-njy ýylda Urugwaýda geçirilen Dünýä Kubogy häzirki wagtda Halkara Futbol Assosiasiýasy (FIFA) tarapyndan guralýar we oýunlara professional futbolçylar gatnaşýar. Dünýä Kubogynyň ilkinji ýaryşyna 13 topar gatnaşan bolsa, bu ýylky ýaryşda 48 topar çykyş edýär. Ortaça 60 müňden gowrak tomaşaçynyň janköýerlik etmeginde geçirilýän futbol ýaryşlary bu ýyl 23-nji gezek geçirilýär. Eýsem, dartgynly pursatlara baý, gyzykly we gyzgalaňly ýagdaýda geçýän Dünýä Kubogynyň ilkinji goluny kim geçirdikä?!**

Dünýä Kubogynyň ilkinji goluny geçiren şahsyýet Lýusen Loran bolup, onuň esasy käri maşinist eken. Şol döwürler futbol professional hünär bolman, eýsem, köpleriň işden boş wagty gyzyklanýan güýmenjesi bolupdyr. Lýusen Loran hem şolaryň biri bolup, ol fransuz awtoulag brendi bolan «Peugeot» zawodynda işläpdir. Şol wagt 22 ýaşyndaky Loran dynç alyş günleri zawodyň toparynda kärdeşleri bilen futbol oýnapdyr.

1930-njy ýylyň başynda Dünýä Kubogy dörediljär we ýaryş guramak üçin ýurtlar boýunça höwesjeňler çagyrylýar. Ýöne Ýewropa ýurtlarynyň köpüsi Birinji Jahan urşundan soň ykdysady çökgünligi başdan geçirýändigi sebäpli, gatnaşmakdan ýüz öwürýär. Fransiýa ýaryşa gatnaşmak isleýär we ýurduň Futbol federasiýasy oýunçy gözläp ugraýar. Köp zawodlar we kärhanalar futbola höwesjeň işçilerine tölegsiz rugsat bermek islemeýär. Emma «Peugeot» zawody özüniň höwesjeň futbol toparyna tölegsiz rugsat berýär. Şeýlelikde, sporta höwesli Lýusen Loran, onuň uly dogany Žan Loran we topardaşlary 1930-njy ýylyň 19-njy iýunynda gämä münüp, Urugwaýa tarap ýola düşýärler. 15 günlük ýüzüşden soň, Fransiýadan, Belgiýadan we Rumyniýadan Dünýä Kubogyna gatnaşmak üçin toparlar porta gelýärler.


Fransiýanyň milli ýygyndysy. Urugwaý, 1930.

Urugwaýyň paýtagty Montewideodaky «Pocitos» stadionynda gyşyň sowuk güni Fransiýa bilen Meksikanyň arasynda açylyş oýny guralýar. Hemmeler howsalaly ýagdaýda oýnuň ilkinji goluna garaşýardylar. Oýnuň 19-njy minutynda fransuz oýunçysy Ernest Liberati meýdançanyň sag gapdalyndan topy batly öňe depýär. Lýusen Loran bolsa topy howada uçup gelýärkä depip, derweзä gol geçirýär. Meksikaly derwezeçi Bonfilio oýnuň dowamynda 4 goluň şaýady bolýar. Dünýä Kubogynyň ilkinji oýny 4-1 hasabynda gutarýar. Fransiýa bilen Argentinanyň arasynda bolan oýunda Loran topugyndan şikes alýar we oýunçy çalşygyna rugsat berilmeýändigi sebäpli, agsaklap oýnamaga mejbur bolýar. Ol şikesi sebäpli üçünji we soňky oýunlara gatnaşyp bilmeýär. 1930-njy ýylda Urugwaýda geçirilen Dünýä Kubogynyň çempiony Argentinany 4-2 hasabynda ýeňen Urugwaýyň milli ýygyndysy bolýar.

1931-nji ýylyň maý aýynda Fransiýa bilen Angliýanyň arasynda dostluk oýny geçirilýär. Bu oýunda Loran karýerasynda ikinji we iň soňky goluny geçirýär. 2005-nji ýylyň 11-nji aprelinde aradan çykan Loran Dünýä Kubogyndaky ilkinji goluny şeýle beýan edýär: «Men Dünýä Kubogynyň we ýurdum Fransiýanyň adyndan ilkinji goly geçirenimde, biz biri-birimizi häzirki futbolçylar ýaly däl-de, adaty oýunçy hökmünde topar bolup gujaklaşyp gutladyk. Sebäbi gol geçirmek her bir oýunçynyň borjudyr».




# HINDISTANYŇ GÜLLER JÜLGESI

Gimalaý daglarynyň eteginde Uttarakhand ştatynyň günbatarynda ýerleşýän Güller jülgesi Hindistanyň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen iň meşhur ýerleriniň biridir. Nanda Dewi milli seýilgähiniň çäginde ýaýylyp ýatan Güller jülgesinde 500-den gowrak ýabany gül ösýär. Jülgedäki güller garly dag gerişleri, şaglawuklar we başy dumanly dag gerişleri bilen sazlaşyp, tebigatyň täsin gözelligini emele getirýär. Güller jülgesi diňe botanikleriň arzuwy däl, eýsem, tebigaty söýüjileriň we syýahatçylaryň hem gezelenç etmek isleýän ýerleriniň biridir.



Güller jülgesine Gowindghat şäherinden dikuçarly ýa-da ulagly baryp bolýar. 3 müň metrden gowrak belentlikde açylyp oturan gülleri görmek üçin 3-4 kilometr ýöremeli. Bu ýerde goş-golamyňy ýokary äkitmek üçin iş mallary ulanylýar. Güller jülgesiniň hemişelik ýaşaýjysy ýok. Jülgä iň ýakyn oba Ghangariýa bolup, syýahatçylar kiçijik obada myhmançylykda galýarlar. Obada kiçi myhmanhanalar we ýörite myhman öýleri bar.

Güller jülgesine gezelenç etmek üçin iň gowy möwsüm iýul-awgust aýlary hasaplanýar. Hindistanda iýun aýynda ýagyş möwsüminiň (musson) başlamagy bilen jülgede owadan güller açylyp, ysy bark urýar. Sebitde tomus möwsümidigine garamazdan, Güller jülgesi al-ýaşyl gözelligi we dürli reňkli gülleri bilen görenleri haýran galdyrýar. Owadan jülgede gezelenç edip ýörkäň, Gimalaý daglarynyň haýwanat dünýäsini hem ýakyndan synlamak bolýar. Gülli meýdanda gar barsy, Gimalaý gök goýny, guşlaryň we kebelekleriň ýüzlerçe görnüşi duş gelýär. Güller jülgesi dag tebigatynda asuda dynç almak üçin iň gowy ýerleriň biridir.

# Yssy howadan goranmagyň usullary

**Soňky ýyllarda dünýäde aşa sowuk we aşa yssy howa derejeleri hasaba alynýar. Howanyň gyzgynlygynyň güýçlenmegi bilen, adamlarda ysgynsyzlyk, işdäsizlik, huşdan gitme, başaýlanma, Gün urma ýaly alamatlar ýüze çykyp bilýär. Gün şöhlesiniň içiňden geçip barýan howry saglyk üçin zyýanly bolup, aşa gyzgynlykdan goranmak üçin birnäçe şertleri berjaý etmeli.**

**Salkynlygy saklamak.** Tomus paslynda açyk reňkli, ýeňil we ýumşak egin-eşikleri geýmeli. Bu bedeni salkyn saklamagyň bir usulydyr. Galybersede, öýde we iş otaglarynda howanyň gyzgynlygyna laýyklykda serginledijini işletmeli. Emma serginlediji ulanylanda her 2-3 sagatdan öçürilip, 10-15 minut howa çalşandan soň gaýtadan işletmeli. Howanyň gyzgynlygyna garamazdan üfläp duran serginledijiniň göni gabadynda oturmak ýa-da ýatmak, suwa düşüp serginledijili otaga girmek maslahat berilmeýär. Her gün pollary çygly esgi bilen süpürip çykmak hem öýi salkyn saklamaga ýardam edýär.

**Ýeterlik suw içmek.** Aşa yssy günlerde arassalanan agyz suwuny ýanyňdan goýmaly däl. Bedeniň biologik ýagdaýyna görä her gün ýeterlik derejede suw içmeli. Tomus paslynda bedeniň suwsuzlygyny miwe şerbetleri, gök çaý, aýran ýaly tebigy içimlikler bilen hem gandyryp bolýar. Konsentrirlenen we gazlandyrylan içgiler bilen suwsuzlygyňy gandyrmak maslahat berilmeýär.

**Aýratyn meýilnama düzmek.** Gyş, ýaz we güýz pasyllarynda adaty gün tertibini ýöredip bolar. Emma tomus pasly üçin her kim iş we durmuş derejesine görä aýratyn meýilnama düzmeli. Mysal üçin, sport maşklary bilen irden we agşamyna türgenleşmek; meýdan işlerini irräk turup dynmak we günortan öýden çykmazlyk; bitirmeli möhüm işleriňi salkynda ýerine ýetirip, gündizine dynç almak we ş.m.



**Howa maglumaty bilen tanyşmak.** Howa maglumaty bilen her gün tanşyp durmaly. Işleriňi howanyň ýagdaýyna görä sazlap, daşary aşa gyzgyn wagty öýden çykmazlyga endik etmeli.

**Çagalara aýratyn ideg etmeli**

Adatdan daşary yssy islendik adama täsir edip biler. Yssy howa, esasan hem, uly ýaşly adamlara, bäbeklere we çagalara has ýiti täsir edýär hem-de saglyk bilen bagly käbir töwekgelçiligi döredip bilýär. Şol sebäpli tomus paslynyň dowam edýän günlerinde bäbeklere, çagalara we uly ýaşly adamlara irden hem-de agşamara howa salkynlanda daşary çykmak maslahat berilýär. Olar ýokary temperatura çydamsyz bolup, aýratyn ideg zerur bolup durýar.

Tomus paslynyň dowam edýän günlerinde çagalar iýmitlendirilende käbir ýagdaýlary göz öňünde tutmaly. Şeýle hem tiz taýýar bolýan hem-de gaplanan iýmitler bilen çagalary naharlamaly däl. Yssy howada bäbeklere we çagalara ýeňil hem açyk reňkli egin-eşikleri geýdirmeli. Körpejeler arassa howa çykarylanda ýany bilen hökman suw almaly.

Kakao agajynyň ömrüniň dowamlylygy 200 ýyl töweregi bolup, 25 ýyl hasyl berýär.

## ÇAGALAR DÜNÝÄSI

# Nädip suwda ýüzmegi öwrenmeli?!

**Tomus paslynyň dowam edýän günlerinde serginlemek hem-de wagtymyzy has-da şadyýan geçirmek üçin iň gyzykly güýmenjeleriň biri hem suwda ýüzmek bolsa gerek. Deňiz kenarynda, çagalar sagaldyş-dynç alyş merkezlerinde ýörite howuzlar bolup, bu ýerlerde ýüzmek üçin ähli mümkinçilikler döredilen. Şeýle hem paýtagtymyzda we welaýatlarda suw-sport desgalary bolup, ol ýerlerde dürli ýaşdaky çagalar üçin niýetlenen howuzlarda isleg bildirýänlere ýüzmegiň düzgünleri öwredilýär. Geliň, beden üçin iň peýdaly sport görnüşleriniň biri hasaplanýan ýüzmegiň düzgünleri bilen tanyş bolalyň!**

Suwda ýüzmek adama dogabitdi berlen endikleriň biridir. Emma muny ýüze çykarmak we kämilleşdirmek üçin birnäçe şertlere üns bermeli. Suwda ýüzmegi öwrenmek üçin, ilki bilen, çişirilýän rezin howuzda aýak we el hereketlerini ýerine ýetirip görmeli. Edil deňizde ýüzýän ýaly eliň bilen suwy gulaçlap, aýagyň bilen suwy yza serpikdirip, kelläňi iki gapdala hereket etdirip, birnäçe hepde türgenleşik geçmeli. El-aýagyň ýüzmäge öwrenişenden soň, ulularyň gözegçiligi astynda howuzda ikinji synanyşyklara başlamaly. Munuň üçin suw-sport toplumlaryna gatnap bilersiňiz. Ilkibaşda howuzda ýüzülende eliňe we biliňe dakylýan howpsuzlyk balonjygyny ulanmaly. Ýörite tälimçileriň suwda ýüzmegi öwredýän sapagyna hem gatnap, has kämilleşip bilersiňiz.



Suwda ýüzülende üns bermeli esasy şertleriň biri dogry dem almakdyr. Öýde ýa-da suw-sport toplumyna gidilende suwa doly derejede çümmezden, diňe kelläňi batyrmak arkaly demiňi saklamak maşklaryny öwrenmeli. Indiki şertleriň biri suwuň ýüzünde durup bilmegi öwrenmekdir. Munuň üçin suwuň ýüzünde eliňi we aýagyňy ýaýyp, rahat dem alyp, durmaga çalyşmaly. Bu endik gark bolmagyň öňüni almak hem-de ýüzüp barýarkaň dynç almak üçin möhümdir. Suwda ýüzülende iň esasy hereket aýaga degişli bolup, aýagyňy gös-göni hereket etdirmegi we suwy depip, öňe gitmegi öwrenmeli. Munuň üçin howzuň gyrasynda oturyp, aýagyňy türgenleşdirip bolýar. Aýak hereketleri öwrenilenden soň, el hereketlerini hem kämilleşdirmek gerek. Muny döşüňe ýetip duran suwda dik duran ýeriňde eliň bilen suwy gulaçlamak arkaly öwrenip bolýar.

### HOWPSUZLYK DÜZGÜNLERINI BERJAÝ EDIŇ!

Suwda ýüzüp bilýändigiňize garamazdan, çuň ýa-da akar suwa girmekden saklanyň! Çünki bu siziň üçin howpludyr. Suwa girilende arassalygyna üns bermeli. Deňiz suwy şor (duzly) bolandygy üçin süýji suwa garanyňda, has dykyz bolýar. Şor suwa garanyňda süýji suwda ýüzmek has kyn. Ýata suwlara, hapa suwly köllere ýa-da suwy wagtly-wagtynda çalşylmadyk howuzlara girmekden gaça durmaly. Göz we deri keselleri hapa suw arkaly hem geçip bilýär. Süýr günortan suwa girmekden saklanmaly. Gün şöhlesiniň dik düşýän wagty adam bedenine ýaramaz täsir edýär. Nahardan soň we aç wagtyň suwa girmek maslahat berilmeýär. Şol sebäpli naharlanylandan 1 sagat çemesi wagtdan soň ýüzmek maslahat berilýär.

Çalt akýan suw ýüzmegi kynlaşdyrýar. Suwda howsala düşmek gark bolmagyň esasy sebäpleriniň biri bolup, dowla düşen adam aljyrap özüni ýitirýär. Şeýle ýagdaýlarda özüňi asuda alyp barmaly. Ýörite howuzlaryň töweregi typançak bolýandygy sebäpli, bu ýerlerde ylgamaly däl. Oýun edip hem bolsa, hiç kimi habarsyz suwa itmeli däl. Ýadanyňyzy duýan badyňyza hökman suwdan çykmaly. Suwa birden bökmeli däl. Ýüzmäge ökde bolsaňyz hem suwa gireniňizde ýanyňyzda ulularyň bolmagyna üns beriň!

# Şokolad miwesi

**Daşky görnüşinden hurma meňzeş gara sapote (Black Sapote) täsin miweleriň biridir. Ata Watany Meksika hasaplanýan bu miwäniň gabygy ýaşylymtyl bolup, içi ýumşak hem-de şireli bolýar. Gara sapote şokolad ýaly süýji tagamy we goýy gara reňki bilen tapawutlanýar. Halk arasynda gara hurma ady bilen tanalýan şokolad miwesine başgaça «şokolad pudingi miwesi» hem diýilýär.**

**Ylmy ady «Diospyros nigra» bolan şokolad miwesi Merkezi Amerika ýurtlarynda, Meksikada, Kubada we Filippinlerde ösdürilip ýetişdirilýär. Awstraliýada gara sapoteniň çigidi az, has togalak we miwesi kiçiräk görnüşi ösdürilýär. Bu miwe fikusa meňzeş tropik agaçda bitýär. Gara hurma agajy suw joşmalaryna çydamly bolup, çägesöw toprakda has gowy ösýär. Boýy 8-10 metre çenli ýetýän bu agaç 5-7 ýyldan soň hasyl berýär.**



**Miwäniň reňki ilkibaşda goýy ýaşyl bolup, ýetişende gabygynda gara tegmiller peýda bolýar. Bu miwe güýz paslynyň ahyrynda ýygnalýar we gabygy garalýança salkyn hem-de garaňky ýerde saklanýar. Gara sapote biri-birine ýapyşyp duran 6-12 sany goňur çigidi aýrylyp iýilýär. Şokolad söýüjileriň iň halaýan miwesi bolan gara sapoteniň şokolad kremini, hurmany we karameli ýadyňa salýan özboluşly tagamy bar. Şokolad miwesi terligine iýilmek bilen bir hatarda, süýjüliklere we desertlere goşulýar.**



## Şokolad barada gyzykly maglumatlar

- Şokoladyň ata Watany Meksika hasaplanýar.
- Günorta amerikalylar ilkinji bolup, kakao agajyndan şokolad alýarlar.
- Şokolad sözi astek dilinde «turşy içimlik» diýmegi aňladýan «xocoatl» sözünden gelip çykýar.
- Häzirkilere meňzeş gaty şokolad ilkinji gezek 1847-nji ýylda Angliýada peýda bolýar.
- 1700-nji ýyllarda iňlisler şokolada süýt goşup taýýarlap başlaýarlar.
- Dünýäde iň köp şokolad Şweýsariýada we Angliýada sarp edilýär.
- Irki döwürde astekler kakao dänelerini pul birligi hökmünde ulanypdyrlar.
- Kakao agajynyň ömrüniň dowamlylygy 200 ýyl töweregi bolup, 25 ýyl hasyl berýär.
- Kakao agajy 4 ýyldan soň miwe berip başlaýar. Boýy 10 metre çenli ýetýän bu ösümlik ýylda iki gezek hasyl berýär.
- Kakaonyň miwesiniň ululygy 35 santimetre çenli bolup, her gozada 20-40 sany däne bolýar.
- Şokoladyň düzüminde köp mukdarda demir bar.
- Şokoladyň düzümindäki ýagda holesterin bolmaýar.
- XVIII asyrda lukmanlar kakao ýagyny süýt bilen garyp, derman hökmünde ulanypdyrlar.
- Dünýäde her ýyl 5 million tonnadan gowrak kakao öndürilýär. Kakao hasylynyň 70 göterimi Afrika ýurtlarynda alynýar. Kot-d’Iwuar dünýäniň iň köp kakao öndürilýän ýurdy hasaplanýar.
- Şokolad 34 göterim gyzgynlykda ereýär we 30 dereje sowuklykda 5-7 minutyň içinde gataýar.

**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**




**10 tapawudy tapyň!**



**Labirint**



**Gyzykly pursat**





Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.



Üç ölçegli suratyň içinde başga bir şekil gizlenen. Ony görmek üçin «gözüň bilen seretmeli, beýniň bilen görmeli». Suraty gymyldatman saklap, bulam-bujar şekiliň aňyrsyna serediň we biraz wagtdan gözüňizi ýuwaşlyk bilen suratdan daşlaşdyryň! Başga bir şekil peýda bolar.

**Birinji gezekde görüp bilmeseňiz, az-kem dynç alyp, täzeden synanyşyň!**




## 31-nji KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** Himiki element. **2.** «Iýmäge heserlije, on bir gat ak donluja» (matal). **3.** Jykyryň küýzesi. **4.** Toýundan ýasalyp bişirilýän ullakan küýze. **5.** Maddy serişde. **6.** But bilen injik süňküni birleşdirýän bogun. **7.** Çempionlar ligasyny 3 gezek gazanan kosta-rikaly derwezeçi. **8.** «Ýok» diýen manyny berýän ses we şekil aňladýan söz. **9.** Goýun ýüňi ýuwlanda bölünip çykýan ýaga meňzeş madda. **12.** Ýüz, meňiz. **15.** Myhmanyň hormatyna soýulýan mal. **17.** Gijesine ýol geçmek, ilkagşamdan ertire çenli ýol ýöremek. **19.** Ýörite ýasalan tokmajyklar arkaly kakylyp çalynýan saz guraly. **20.** Gök ekin. **22.** Garamtyl-gyzyl reňk. **23.** «Dört» sözüniň manysynda ulanylýan söz. **25.** Gum içinde gyr bilen alaňyň arasynda ýatan giň meýdan. **26.** Işlenen gaýyş. **27.** Kirpikleri sary, çalymtyl-mawy gözli at. **30.** Közüň, Günüň ýakyp barýan gyzgyny. **31.** Gylýallar maşgalasyna degişli ýabany haýwan. **33.** Jaýyň otaglarynyň arasyndan geçýän insizje ýörelge. **35.** Häzirki wagtda tälimçilik edýän panamaly futbolçy. **37.** Küşt çöpleriniň atlandyrylyşy. **38.** «Oslagsyz zyňlan daş ... ýarar» (nakyl). **39.** Içine ýel berip çişirilýän rezin. **40.** Keýpi kök, hoşal. **41.** Ene keýik. **45.** Jorap örülýän sim. **47.** Eldekileşdirip bolmaýan jandar. **49.** Iki ýany işilen uzyn ýüpli, arasyna daş, kesek salnyp atylýan esbap. **51.** Halk döredijiliginiň bir görnüşi. **52.** Atyň boýnundaky ösgün tüý. **53.** Örän, juda. **54.** Keçä salynýan tegelek nagyş. **56.** Reňk. **58.** «Dostlaşmak aňsat, saklamak ...» (atalar sözi). **60.** Tokaýda ýaşaýan süýdemdiriji, şahlak haýwan. **62.** Aňyrsy-bärsi görünmeýän agaçly meýdan. **64.** Gar, ýagyş gatyşykly güýçli ýel. **65.** Jadyly ertekilerdäki köp kelleli, uly hyýaly jandar. **67.** Başarnyk, ukyp. **68.** Kakylyp we üflenip çalynýan saz gurallaryndan düzülen topar. **69.** Uly ýüň ýaglyk. **71.** Saçyň, ýüplügiň bir gaty. **72.** Pagtanyň süýümini çigidiniň daşyndan süýüp alýan ýönekeý agaç gural. **73.** Ýer suwarylandan soň topragyň ekmäge ýaramly bolan derejesi.

● **KESELIGINE:** **4.** Ýagşy, oňat. **6.** Ýewropanyň uly derýalarynyň biri. **8.** Arap elipbiýiniň 6-njy harpy. **10.** Göz bilen gulak arasy. **11.** Guramadyk, çygly ýa-da suwa öllenen çybyk. **13.** Aw edilýän elguşuň bir görnüşi. **14.** Uzynlyk ölçegi. **16.** Çig maly işläp çykarýan senagat merkezi. **18.** Az, köp däl. **19.** Biçilen geýimiň bölekleri süýşmez ýaly, iri-iri sanjylan tikin. **21.** Gargydan ýasalýan tüýdügiň bir görnüşi. **22.** Küştçüleriň çöpleriň ýerini üýtgetmegi. **24.** Suwuň ugruny sowmak ýa-da saklamak üçin gumdan edilen bent. **26.** Dagyň köwek ýeri. **28.** Lukmançylykda ulanylýan suw gurçugy. **29.** Ýere golaý kesilen agajyň çykyp duran töňňesi. **30.** Belli bir aralykdaky wagt, pursat. **32.** Emeli ýüpek beriji. **34.** «Göz ... eýesi, göwün – syr» (nakyl). **36.** Iýilýän zatlaryň iýmitlilik gymmaty. **38.** Çagalaryň iň gowy görýän sany. **40.** Agşam nahary. **42.** «... gylyçdan kesgir» (nakyl). **43.** Mekgejöweniň uzyn baldagy. **44.** Ýurdumyzdaky etraplaryň biri. **46.** Atyň toýnagyna kakylýan demir. **48.** Türkmenistanyň hokkeý toparlarynyň biri. **50.** Himiki element. **51.** «Petik burçda öýüm bar, berk gurnalan torum bar (matal). **53.** «Iňňesiz tikin gördüm, tohumsyz ekin gördüm» (matal). **55.** Sogandyr käşiriň ter ýapragy. **56.** Gyrgylar maşgalasyndan ullakan, ýyrtyjy guş. **57.** Zagara balyklar maşgalasyna degişli deňiz balygy. **59.** Ýoluň kem-kemden ýokary galýan, çykmasy kyn ýeri. **61.** Arassaçylyk serişdesi. **63.** Gawundan taýýarlanýan önüm. **64.** «... ganaty bilen, är aty bilen» (atalar sözi). **66.** Tamdyrda bişirilýän iýmit. **68.** Semawaryň, kitiriň içinde emele gelýän kesmek. **70.** Wagt guraly. **72.** Biri-biri bilen ters ýagdaýda, ylalaşyksyz. **74.** Kelleden telpek gaçmaz ýaly edilýän bagjyk. **75.** Ýüplükden edilen togalak sargy. **76.** Gök önüm gyrmak üçin ýiti dişli enjam. **77.** Köpçülikleýin ýygnaklaryň, maslahatlaryň geçirilýän ýeri. **78.** Güýzde bişýän miwe. **79.** Gönüburçlyk şekilinde boglan saman, bede.

## 23-nji SKANWORD




## 32-nji KROSSWORD



● **DIKLIGINE:** **1.** Keselleri operasiýa arkaly bejerýän lukmançylyk pudagy. **2.** Pähimli, akylly. **3.** Tebigy antibiotik hasaplanýan örän ajy we ýiti ysly gök önüm. **4.** Demirgazyk Amerikanyň professional basketbol ligasy. **5.** Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy. **6.** Bagtly adam. **7.** Niderlandlaryň futbol topary. **8.** Ýagtylygy döwýän linzaly teleskop. **9.** Sungatda we edebiýatda döredilen nusgawy zähmet netijesi. **10.** Jeňňellikde önüp-ösen, maýmynlaryň dosty bolan edebi gahryman. **11.** Gyzyl meneklije möjejik. **13.** Tär, çäre. **19.** Batgalykda, suwyň ýüzünde açylýan ak reňkli uly gül. **21.** Rumyn awtoulag kärhanasy. **23.** ...-gürrüň. **25.** Anyk, belli. **26.** Tahallus. **27.** Balagyň biline geçirilýän bag. **29.** Çalaja öwüsýän ýel. **30.** Gyz ady. **31.** Gündogar ugry, öň tarap. **36.** Kambojadaky meşhur ybadathana. **37.** Haly dokalanda ýüplük bilen daňylýan her bir düwün. **39.** Jemgyýetiň maddy we ruhy gymmatlyklarynyň jemi. **41.** Özüňden uly erkek dogan. **42.** Gündogar Afrikada bir döwlet. **43.** Düýe çalynyň ýüzüne galýan gatyk. **44.** Ýakasy iki egniň üstünden açylýan köýnek. **45.** 10 metre deň bolan uzynlyk ölçegi. **46.** Nemes plastik penjire brendi. **49.** Italiýanyň futbol topary. **51.** Amerikan sport aýakgap brendi. **54.** Russiýada bir derýa. **57.** Daniýanyň aýakgap brendi. **60.** Bir zada haýran galyp, doňup galmak. **61.** Çen-...

● **KESELIGINE:** **1.** Bolliwud kinostudiýasynyň Watany. **5.** Meşhur içi etli amerikan buterbrody. **9.** Naryň bir görnüşi. **10.** Çopanlaryň elindäki esasy gural. **12.** Durmuş guran ýaşlaryň ata-eneleriniň biri-birine bolan garyndaşlygy ady. **14.** Bir hünäri gowy bilýän, tejribeli hünärmen. **15.** Ýiti agyry. **16.** Üstbaş. **17.** Süýji suw balygynyň bir görnüşi. **18.** Aşagy tekerli aýakgap. **20.** Özbaşdaklyk, erkinlik. **22.** Arassaçylyk üçin ýanyňda göterilýän mata bölegi. **24.** Şaý-sepleri we pullary ýasamakda asyrlarboýy ulanylyp gelinýän, poslamaýan metal. **25.** Fiziki maýyşgak şertlerde emele gelýän yrgyldyly hereket. **28.** Gadymy altyn pul. **32.** Eliň iç ýüzi. **33.** Köplük san goşulmasy. **34.** Agaçdan alynýan, ýazmak we çap etmek üçin niýetlenen önüm. **35.** Günäkäre ýa-da ýalňyşlyk edene berilýän jeza. **36.** Çakýan we bal ýasaýan uçujy möjejik. **38.** Telefonyň ýa-da kompýuteriň operatiw ýady. **40.** Şekili ýazgy edýän optiki enjam. **44.** Öýde saklanýan we eldekileşdirilen jandar. **47.** Tahýanyň depesine dakylýan ujy seçekli düwme. **48.** Bişirilen toýun önümleri. **50.** Hepdäniň dynç güni. **52.** Kubanyň milli tansy. **53.** Hindi rowaýatyndaky meşhur gahryman. **55.** «Nohut» sözüniň iňlisçesi. **56.** Ýetmezçilik, nogsanlyk. **57.** Eldekileşdirilen, ýuwaş mal. **58.** Daşary ýurt gyz ady. **59.** Tikinçilikde ýüp saralýan gural. **62.** Nemes astronomy Iogann Frans ... **63.** Ikirjiňlenip, ýaýdanyp durmak. **64.** Üsti açylýan ýeňil awtoulag.

30-njy krosswordyň jogaby:



21-nji skanwordyň jogaby:



22-nji skanwordyň jogaby:





Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# TOPARÇALARDAKY (D, E, F, G, H, I, J, K, L) 3-nji DUŞUŞYKLARYŇ NETIJELERI

## Dünýä Kubogy 2026 – «D» toparça

**TÜRKIÝE — ABŞ: 3–2**
**GOL:** Arda Güler 10, Baryş Ýylmaz 31, Aýhan 90+8 — Trasti 3, Beralter 49
**SARY KART:** Beralter (ABŞ)
**STADION:** SoFi Stadium (Los Anjeles)
**TOMAŞAÇY:** 70 492
**EMIN:** Mustafa Gorbal (Alžir)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Arda Güler (Türkiýe)

**PARAGWAÝ — AWSTRALIÝA: 0–0**
**SARY KART:** Gomes — Irwin
**STADION:** Levi’s Stadium (San Fransisko)
**TOMAŞAÇY:** 68 827
**EMIN:** Kleman Turpen (Fransiýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Aiden O’Neill (Awstraliýa)

## Dünýä Kubogy 2026 – «E» toparça

**KÝURASAO — KOT-D’IWUAR: 0–2**
**GOL:** Nikolas Pepe 7, 64
**SARY KART:** J. Bakuna, Kastaner — Pepe
**STADION:** Lincoln Financial Field (Filadelfiýa)
**TOMAŞAÇY:** 68 324
**EMIN:** Glyn Nýuberg (Şwesiýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Nikolas Pepe (Kot-d’Iwuar)

**EKWADOR — GERMANIÝA: 2–1**
**GOL:** Anhulo 9, Plata 77 — Sane 2
**SARY KART:** Franko, Hinkapie, Plata — Pawlowiç
**STADION:** MetLife Stadium (Nýu Ýork)
**TOMAŞAÇY:** 80 663
**EMIN:** Tori Penso (ABŞ)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Nilson Anhulo (Ekwador)

## Dünýä Kubogy 2026 – «F» toparça

**ÝAPONIÝA — ŞWESIÝA: 1–1**
**GOL:** Maeda 56 — Elanga 62
**SARY KART:** Taniguçi — Hien, Gýokeres
**STADION:** AT&T Stadium (Dallas)
**TOMAŞAÇY:** 70 137
**EMIN:** Iwan Barton (Salwador)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Antoni Elanga (Şwesiýa)

**TUNIS — NIDERLANDLAR: 1–3**
**GOL:** Masturi 54 — Shiri 3 (ö.d.), Brobbi 7, Wan Hek 62
**STADION:** Arrowhead Stadium (Kansas Siti)
**TOMAŞAÇY:** 68 391
**EMIN:** Katiýa Itsel Garsiýa (Meksika)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Braýan Brobbi (Niderlandlar)

## Dünýä Kubogy 2026 – «G» toparça

**MÜSÜR — EÝRAN: 1–1**
**GOL:** Saber 5 — Rezaeian 14
**SARY KART:** Saber, Laşin, Ibrahim — Kanaanizadegan, Halilzadeh, Nemati, Ezatolihi
**STADION:** Lumen Field (Sietl)
**TOMAŞAÇY:** 66 925
**EMIN:** Şimon Marçiniak (Polşa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Ramin Rezaeian (Eýran)

**TÄZE ZELANDIÝA — BELGIÝA: 1–5**
**GOL:** Just 84 — Trossard 28, 50, De Bruýne 66, Romelu Lukaku 86, Salemakers 90+4
**SARY KART:** Stameniç, Jast (Täze Zelandiýa)
**STADION:** BC Place (Wankuwer)
**TOMAŞAÇY:** 52 497
**EMIN:** Adham Mahadmeh (Iordaniýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Leandro Trossard (Belgiýa)






## Dünýä Kubogy 2026 – «H» toparça

**KABO WERDE — SAUD ARABYSTANY: 0–0**
**SARY KART:** Pina — Abdulhamid, N. Al-Dawsari, Al-Buraikan
**STADION:** NRG Stadium (Hýuston)
**TOMAŞAÇY:** 68 278
**EMIN:** Fransua Leteksie (Fransiýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Deroý Duarte (Kabo Werde)

**URUGWAÝ — ISPANIÝA: 0–1**
**GOL:** Aleks Baena 42
**GYZYL KART:** Kannobio 90+4 (Urugwaý)
**SARY KART:** Warela, Sanabria, De la Kruz — Baena
**STADION:** Estadio Akron (Guadalahara)
**TOMAŞAÇY:** 45 065
**EMIN:** Ismael Elfat (ABŞ)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Aleks Baena (Ispaniýa)

## Dünýä Kubogy 2026 – «I» toparça

**NORWEGIÝA – FRANSIÝA: 1-4**
**GOL:** Asgard 21 — Dembele 7, 20, 32, Due 90+4
**SARY KART:** Berg — Tçuameni
**STADION:** Gillette Stadium (Boston)
**TOMAŞAÇY:** 64 146
**EMIN:** Maýkl Oliwer (Angliýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Usman Dembele (Fransiýa)

**SENEGAL — YRAK: 5–0**
**GOL:** Habib Diarra 4, Ismaila Sarr 56, Pap Geýe 59, 71, Iliman Ndiaýe 82
**GYZYL KART:** Rebin Sulaka 13 (Yrak)
**SARY KART:** Sek, Pap Geýe — Doski, Al-Ammari
**STADION:** BMO Field (Toronto)
**TOMAŞAÇY:** 43 036
**EMIN:** Antoni Teýlor (Angliýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Pap Geýe (Senegal)

## Dünýä Kubogy 2026 – «J» toparça

**ALŽIR — AWSTRIÝA: 3–3**
**GOL:** Belhali 45, Mahrez 60, 90+3 — Arnautowiç 28, Sabitser 55, Kalaýdžiç 90+6
**SARY KART:** Arnautowiç (Awstriýa)
**STADION:** Arrowhead Stadium (Kansas Siti)
**TOMAŞAÇY:** 69 045
**EMIN:** Ilgiz Tantaşew (Özbegistan)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Riýad Mahrez (Alžir)

**IORDANIÝA — ARGENTINA: 1–3**
**GOL:** Al-Taamari 55 — Lo Selso 19, Lautara Martines 31 (p), Messi 80
**SARY KART:** Al-Arab, Abu Taha, Abu Zraýk (Iordaniýa)
**STADION:** AT&T Stadium (Dallas)
**TOMAŞAÇY:** 70 649
**EMIN:** Iştwan Kowaç (Rumyniýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Jiowani Lo Selso (Argentina)

## Dünýä Kubogy 2026 – «K» toparça

**KONGO DR — ÖZBEGISTAN: 3–1**
**GOL:** Wissa 68 p, 90+1, Maýele 78 — Şomurodow 10
**SARY KART:** Mutossami, Sadiki, Mbuku — Husanow, Nasrullaýew
**STADION:** Mercedes-Benz Stadium (Atlanta)
**TOMAŞAÇY:** 68 239
**EMIN:** Feliks Swaýer (Germaniýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Ýoane Wissa (Kongo DR)

**KOLUMBIÝA — PORTUGALIÝA: 0–0**
**SARY KART:** Gustawo Puerta (Kolumbiýa)
**STADION:** Hard Rock Stadium (Maýami)
**TOMAŞAÇY:** 64 478
**EMIN:** Alireza Fagani (Awstraliýa)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Diogo Koşta (Portugaliýa)

## Dünýä Kubogy 2026 – «L» toparça

**PANAMA — ANGLIÝA: 0–2**
**GOL:** Bellingam 62, Keýn 67
**SARY KART:** Andrade, Fahardo — Kuansah
**STADION:** MetLife Stadium (Nýu Ýork)
**TOMAŞAÇY:** 80 663
**EMIN:** Abdulrahman Al-Jassim (Katar)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Jud Bellingam (Angliýa)

**HORWATIÝA — GANA: 2–1**
**GOL:** Petar Suçiç 31, Wlaşiç 83 — Lukassen 73
**SARY KART:** Perişiç – Oppong
**STADION:** Lincoln Financial Field (Filadelfiýa)
**TOMAŞAÇY:** 68 324
**EMIN:** Drýuw Fişer (Kanada)
**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Petar Suçiç (Horwatiýa)

# Toparçalardaky 3-nji duşuşyklar barada

**Toparçalardaky 3-nji oýunlarda «D» toparçada Türkiýäniň ýygyndysy ABŞ-nyň milli toparyny 3–2 hasabynda utdy. Çempionat bilen ir hoşlaşan Türkiýäniň ýygyndysynda Arda Güler 24 ýyldan soň gol salan ilkinji türk futbolçysy boldy.**

**«E» toparçada** Kot-d’Iwuaryň ýygyndysy Nikola Pepeniň gollary bilen debýutant Kýurasaony 2-0 hasabynda ýeňip, taryhynda ilkinji gezek indiki tapgyra çykmagy başardy. Saneniň goly bilen öňe geçendigine garamazdan, Ekwadordan 2–1 hasabynda utulan Germaniýanyň ýygyndysy 6 utuk toplap, toparçada 1-nji orny eýeledi. Ekwador bolsa 20 ýyldan soň toparçadan çykmagy başardy.



**«F» toparçada** Tunis bilen Niderlandlaryň arasyndeniň ýygyndysy ilkinji gezek gatnaşýan ýaryşynda toparçada 2-nji orny eýeledi. Dünýäniň 2 gezek çempiony Urugwaýyň milli topary bolsa çempionat bilen garaşylyşyndan ir hoşlaşdy.

### IŇ ÇALT 2-nji HET-TRIK

● «I» toparçada Fransiýanyň ýygyndysy esasy düzümden 10 oýunçysy oýnamadyk Norwegiýanyň ýygyndysyny 4–1 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda 3 gol geçiren Usman Dembele Dünýä Kubogynyň çäginde iň çalt 2-nji het-trigiň awtory boldy. 7-nji, 20-nji, 32-nji minutlarda tapawutlanan Dembele 32-nji minutda het-trik etmegi başardy. Dünýä Kubogynda iň çalt het-trik eden awstriýaly Erik Probst bolup, ol 1954-nji ýylda Çedy. Sebäbi biri ýeňse, beýlekisi galýardy. Deňlik iki toparyň hem ýaryşy dowam etdirmegi üçin ýeterlikdi. Bu şeýle-de bolýar. Duşuşyk 3-3 hasabynda deňlikde tamamlanýar. 90+3-nji minutda Mahrez özüniň 2-nji goluny geçirip, Alžiri öňe saýlaýar. Ýöne gazanyljak ýeňiş olaryň indiki tapgyrdaky garşydaşynyň Ispaniýa bolmagy diýmekdi. Şol bir wagtyň özünde-de Awstriýa ýaryşdan çykyp, Eýranyň indiki tapgyra çykmagyny aňladýardy. Emma 90+6-njy minutda Kalaýdžik hasaby deňledi we duşuşykdan öň gürrüňi edilen ssenariý amala aşdy. Netijede, Awstriýa 2-nji ýeri eýeledi, Alžir 3-nji orun bilen 1/16 finala çykdy.

**«K» toparçada** Portugaliýanyň ýygyndysy bilen Kolumbiýanyň ýygyndysy golsuz deňme-deň oýnady. Oýunda Kolumbiýanyň goragçysy Dawinson Sançesiň geçiren goly juda inçe tapawut bilen ofsaýt sebäpli hasaba alynmady. Beýleki duşuşykda debýutant Özbegistanyň ýygyndysy 52 ýyldan soň çempionata gatnaşýan







da ýewropalylaryň ýeňşi bilen tamamlanan (3–1) oýunda jürlewük çalan meksikaly Katiýa Itsel Garsiýa Dünýä Kubogynda baş emin bolan 3-nji zenan diýlip bellige alyndy.

**«G» toparçada** Müsür bilen Eýranyň ýygyndylary Saberiň hem-de Rezaeianyň garşylykly geçiren gollary esasynda 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Bu deňlikden soň Müsüriň ýygyndysy taryhynda ilkinji gezek toparçadan çykmagy başardy. Belgiýanyň ýygyndysy Täze Zelandiýany 5–1 hasabynda utup, toparçada gol aratapawudy bilen 1-nji orny eýeledi. Duşuşykda Leandro Trossard 2 gezek tapawutlandy. Eýranyň ýygyndysy 3 duşuşygynda-da deňme-deň oýnady. Çempionaty ýeňlişsiz tamamlan Eýranyň ýygyndysyna 3-nji ýeri eýelänleriň arasynda iň gowy 8 toparyň biri bolmak başartmady. Başgaça aýdylanda, ýeke oýunda ýeňilmeselerem ýaryşy dowam etdirip bilmediler.

**«H» toparçada** Ispaniýanyň ýygyndysy Urugwaýy Aleks Baenanyň ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. Kabo Werde bilen Saud Arabystanynyň ýygyndysynyň arasyndaky duşuşykda hasap açylmady. Bu netijelerden soň Ispaniýa 7, Kabo Werde 3 utuk bilen ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazandylar. Kabo Werde hem edil Eýran ýaly ne ýeňdi, ne-de ýeňildi. 2 gol geçirip, 2 gol geçirden Kabo Werhoslowakiýanyň derwezesinden 24 minutda 3 gol geçiripdi. Şeýle-de, Dembele watandaşlary Žust Fonteýn hem-de Kilian Mbappeden soň Dünýä Kubogynda het-trik eden 3-nji fransuz futbolçysy boldy. Toparçadaky beýleki oýunda Senegalyň ýygyndysy 13-nji minutda 1 oýunçy kem galan Yragyň milli toparynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol geçirdi. Gollaryň 2-sini Pap Geýe öz adyna ýazdyrdy. Geçirilen bu 5 top Senegala 3 utukly toparlaryň arasynda gol aratapawudy bilen 3-nji ýeri eýelänleriň iň gowy 8-nji topary bolmagy üçin ýeterlik boldy. Şol bir wagtyň özünde Senegal Dünýä Kubogynyň çäginde bir duşuşykda 5 gol geçiren ilkinji Afrika wekili diýlip hasaba alyndy.

### MESSINIŇ TÄZE REKORDY

● «J» toparçada Argentinanyň ýygyndysy Iordaniýany 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda 2006-njy ýyldan bäri Dünýä Kubogynda ilkinji gezek ätiýaçdan oýna başlan Messi 60-njy minutda meýdança girip, 80-nji minutda jerime urgusyndan gol geçirdi. Bu onuň 19-njy goly bolup, Messi Dünýä Kubogynda yzly-yzyna 7 oýunda tapawutlanan ilkinji futbolçy diýlip taryha girdi. Toparçanyň beýleki duşuşygy gürrüňli bolup, iki topara-da ýeňşiň zerurlygy ýokKongo DR-niň milli topary bilen duşuşdy. 10-njy minutda Eldor Şomurodow owadan gol bilen özbekleri öňe saýlasa-da, kongolylar Wissanyň (2) hem-de Maýeleniň gollary bilen 3-1 hasabynda üstün çykdy. Ýeri gelende, Şomurodowyň bu goly FIFA tarapyndan toparçalaýyn tapgyryň iň owadan goly diýlip saýlandy. Kongo DR 4 utuk toplap, 3-nji ýeri eýelänleriň arasynda iň gowy netije bilen 1/16 finala çykdy.

**«L» toparçada** Angliýanyň ýygyndysy Panamany Bellingamyň hem-de Keýniň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. Harri Keýn Dünýä Kubogynda iň köp gol geçiren angliýaly futbolçy bolup, ol Gari Linikerden öňe saýlandy. Horwatiýanyň ýygyndysy Gananyň ýygyndysyny 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda Luka Modriç bilen Iwan Perişiç Dünýä Kubogynyň çäginde 20-nji gezek bilelikde meýdança çykyp, bu ugurda täze rekordyň eýesi boldular. Şeýle-de, Gananyň ýeke-täk goluny geçiren Derrik Lukassen hem adyny taryha ýazdyrdy. Ol Niderlandlaryň düzüminde oýnaýan inisi Braýan Brobbi bilen bilelikde Dünýä Kubogynda başga ýygyndylaryň köýnekçeleriniň astynda gol geçiren ilkinji dogan futbolçylar diýlip hasaba alyndy. Bu gol şol bir wagtyň özünde 30 ýaşly goragçynyň milli topardaky ilkinji goly boldy.








# «Mançester Sitiniň» täze tälimçisi resmi mälim edildi

Angliýanyň «Mançester Siti» toparynda Pep Guardiolanyň 10 ýyllyk tälimçiliginden soň, onuň ornuna bellenen hünärmen resmi mälim edildi. Aslynda, italiýaly tälimçi Enzo Mareskanyň bu wezipä bellenjekdigi ozal habar berlipdi. Pep Guardiolanyň 46 ýaşyndaky şägirdi Mareska şäherliler bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. Bu onuň tälimçilik karýerasyndaky 4-nji kluby bolar.

«West Bromwiç», «Ýuwentus», «Bolonýa», «Piaçenza», «Fiorentina», «Sewilýa», «Olimpiakos», «Malaga», «Sampdoriýa», «Palermo», «Werona» klublarynda futbol oýnan Enzo Mareska 2021-nji ýylda tälimçilige baş goşdy. «Parma» toparynda tälimçilige başlan Mareska 2023/24 möwsüminde «Lester Sitini» 2-nji ligadan «Premier Liga» çykarypdy. 2024-nji ýylyň tomsunda-da «Çelsiniň» tälimçisi bolan Mareska londonlylara UEFA Konferensiýa Ligasynyň Kubogynyň hem-de FIFA Klublar Dünýä Kubogynyň çempionlyklaryny gazandyrdy. Şu ýylyň ýanwarynda bu klubdan gaýdan Mareska resmi taýdan tälimçi bolmazdan öň 2020-nji ýylda «Mançester Sitiniň» U-23 toparyny hem türgenleşdirip, olary «Premier Liga 2»-niň çempiony edipdi.

Enzo Mareska watandaşy Roberto Mançiniden soň «Mançester Sitini» türgenleşdirjek 2-nji italiýaly tälimçi bolar.

«Mançester Siti» toparyna Pep Guardiola 10 ýyllap tälimçilik edip, kluba 20 kubok gazandyrypdy. Ol 10 ýylyň dowamynda 593 duşuşygyň 416-synda ýeňiş gazanyp, 90-synda ýeňildi (87 deňlik). «Mançester Sitiniň» oýunçylary Pepiň tälimçiliginde 1423 gol geçirip, 522 goly derwezelerine goýberdiler.



# «Milan» PSŽ-niň ýyldyzyny rekord baha transfer etdi

**Tälimçilige portugaliýaly Ruben Amorimi bellän Italiýanyň «Milan» topary tomus möwsümindäki ilkinji uly transferini mälim etdi. Italýan kluby Fransiýanyň PSŽ toparyndan portugaliýaly hüjümçi Gonsalu Ramuşy düzümine goşdy. Italýan kluby 25 ýaşyndaky hüjümçi üçin fransuz klubuna goşmaçalardan daşgary 74 million ýewro tölär. Ramuş «Milanyň» taryhyndaky iň gymmat transfer hökmünde hasaba alyndy. 5 ýyllyk şertnama baglaşan Ramuş «Milanda» 9-njy belgide oýnar.**

**Karýerasyna «Benfikada» başlan Ramuş lissabonlylaryň düzüminde 106 oýunda 41 gol geçirdi. 2023-nji ýylda PSŽ-niň düzümine goşulan (ilki 1 ýyllyk kärendesine oýnady) Ramuş bu toparda 3 möwsüm çykyş etdi. Soňky 2 möwsümde köplenç ätiýaçdan oýna girse-de, jemi 131 oýunda 45 goly öz adyna ýazdyrdy.**

**Ramuş Portugaliýanyň milli ýygyndysynda 26 oýunda meýdança çykyp, şolarda 10 gezek tapawutlandy.**



# BU GEZEK HEM BAŞA BARMADY

Dünýä Kubogynyň belki-de iň şowsuz toparlarynyň biri Şotlandiýanyň ýygyndysydyr. Munuň özüne ýetesi sebäbi bar. Geliň, muňa bilelikde gysgaça ser salalyň.

Olaryň Dünýä Kubogy başdangeçirmesi aslynda, 1950-nji ýylda başlanýar. Ýöne olar bu çempionata gatnaşmaga hukuk gazansalaram, düşünişmezlik sebäpli Braziliýa gitmekden ýüz öwürýärler.

1954-nji ýyldaky çempionat olaryň ilkinji wekilçilik eden



Dünýä Kubogy bolýar. Soňra 1958-nji ýylda-da gatnaşýar. Ikisinde-de ýeňiş gazanmak başartmaýar. Soňra şotlandlar 3 çempionaty goýberip, 1974–1990-njy ýyllar aralygyndaky 5 Dünýä Kubogynda çykyş edýär. 1994-nji ýylda ABŞ-daky ýaryşa gelip bilmeýär. 8 ýyllyk arakesmeden soň, 1998-nji ýylda Fransiýadaky çempionata wekilçilik edýär. Ýöne şondan soň welin, tä, şu ýylky çempionata çenli şotlandlar üçin Dünýä Kubogy ýat bolýar. 6 Dünýä Kubogyny goýberip, 28 ýyldan soň gatnaşylan çempionatdan janköýerleriň tamasy uludy. Sebäbi toparyň düzüminde MakTomineý, MakGinn, Endi Robertson, Lawrens Şankland ýaly öz klublarynda üstünlikli çykyş edýän oýunçylar, şol sanda köp wagtdan bäri tälim berip gelýän tälimçi bardy. Ýöne olaryň bijesine ýeňil bolmadyk toparça düşýär. Toparçada Braziliýa, Marokko hem-de Gaitiniň ýygyndylary bolup, çempionatdan öň bilermenler Şotlandiýanyň diňe olaryň iň soňkusyny ýeňip biljegine ynam bildirýärler we bu şeýle-de bolýar. Belki-de beýleki ikisiniň biri bilen deňme-deň galyp, gazanyljak 1 utuk olaryň keç ykbalyny üýtgedip bilerdi diýilýär.



Ýöne ýene-de bolmaýar. Şotlandiýanyň ýygyndysy Braziliýa bilen Dünýä Kubogynyň çägindäki özara 5-nji duşuşykda 4-nji gezek ýeňlişe sezewar bolýar. Marokkodan hem edil 1998-nji ýyldaky (3–0) hasap bilen bolmasa-da, bu sapar asgyn gelýär (1–0).

Şotlandiýanyň ýygyndysy 23 Dünýä Kubogynyň 9-synda çykyş edýär. Şolaryň ählisiniň birmeňzeş ýeke-täk aýratynlygy bar. Ol hem Şotlandiýanyň ýygyndysyna şol 9 çempionatda-da toparçadan çykmak başartmaýar. Bu görkeziji antirekorda deň hasaplanýar. Şu gezek bolar diýlip, uly umyt bildirilse-de, bu sapar hem arzuw amala aşmaýar. Ýogsam bu gezek toparçadan çykmaga golaý hem gelinýär. Toparçada Gaitini 1–0 hasabynda ýeňen Şotlandiýanyň milli ýygyndysy 3-nji ýeri eýelänleriň arasynda iň gowy 8 toparyň hataryna girmek üçin az hem bolsa garaşýar. Emma gazanylan 3 utuk we –4 gol aratapawudy olara ýetmeýär. Aslynda, iň gowy 8 toparyň arasyna girenleriň 7-si 4 utuk bilen 1/16 finala çykyp, 3 utuk bilen ýaryşy dowam eden diňe Senegal bolýar. Hatda 3 oýunda deňme-deň oýnan Eýranyň ýygyndysy hem çempionatda toparçalardan aňrysyna geçip bilmeýär.

Mahlasy, Şotlandiýa üçin ýene bir çempionat olaryň isleýşi ýaly tamamlanmady. Iň bolmanda, 1/16 finala çykmak arzuwy indiki çempionatlara galdy.

Şotlandiýanyň ýygyndysynyň Dünýä Kubogynda 26 duşuşygy bolup, şolaryň 5-sinde ýeňiş gazanýar, 7-sinde deňme-deň oýnap, 14-sinde utulýar (26–45 gol).

Çempionatdan soň milli ýygyndynyň tälimçisi Stiw Klark topardaky 7 ýyllyk başdangeçirmesini tamamlap, wezipesini taşlady. Ol 2019-njy ýylda bu wezipä bellenipdi. Klark topara 81 oýunda tälimçilik edip, bu görkeziji milli ýygyndynyň rekordyna deňdir. 81 duşuşygyň 36-synda ýeňiş gazanan şotlandlar 29 oýunda ýeňlişe sezewar boldy (16 deňlik).

***Gazetiň sport synçysy.***

# DÜNÝÄ KUBOGYNDA UTULAN TOPAR ÖÝÜNE GAÝDÝAR

**Demirgazyk Amerikada geçirilýän 23-nji Dünýä Kubogynda utulan-çykdy tapgyrynyň duşuşyklary dowam edýär. 48 ýygyndynyň 32-si – Ýewropadan 16 ýygyndynyň 13-si, Afrikadan 10 toparyň 9-sy, Günorta Amerikadan 6 toparyň 5-si, Demirgazyk Amerikadan 6 toparyň 3-si, Aziýadan 8 toparyň 2-si 1/16 finala çykdy. Ýewropadan Türkiýäniň, Şotlandiýanyň, Çehiýanyň, Afrikadan diňe Tunisiň, Günorta Amerikadan hem diňe Urugwaýyň, Demirgazyk Amerikadan ýer eýelerinden daşgary wekilçilik eden Panamadyr Gaitiniň, Kýurasaonyň, Aziýadan Eýranyň, Koreýa Respublikasynyň, Özbegistanyň, Iordaniýanyň, Kataryň, Saud Arabystanynyň, Yragyň, şol sanda Okeaniýadan ýeke-täk wekil Täze Zelandiýanyň ýygyndysy toparçalardan çykyp bilmedi.**

* * *

1/16 finaldan öýüne gaýdan toparlaryň ilkinjisi Günorta Afrikanyň ýygyndysy boldy. Ilkinji gezek toparçadan çykan Günorta Afrikanyň milli topary 1/16 finalda ýer eýesi Kanadadan 1-0 hasabynda asgyn geldi. Kanadalylara taryhy ýeňiş getiren bu goly 90+2-nji minutda jerime meýdançasynyň daşyndan batly urgy bilen Stefen Euştakiu öz adyna ýazdyrdy. Şunlukda, 1-0 hasabynda üstün çykan Kanadanyň ýygyndysy 3-nji gezek gatnaşýan çempionatynda ilkinji ýola 1/8 finalda oýnamaga hukuk gazandy. Günorta Afrikanyň milli ýygyndysynyň belgiýaly tälimçisi Hugo Bros Dünýä Kubogynyň pleý-off tapgyryna gatnaşan iň ýaşuly tälimçi diýlip bellige alyndy (74 ýaş 79 gün). Günorta Afrikanyň milli ýygyndysy bir çempionatda 2 ýer eýesi bilen duşuşyp, olaryň ikisinden hem ýeňildi.







* * *

Dünýä Kubogynyň 5 gezek eýesi Braziliýanyň ýygyndysy 1/16 finalda Ýaponiýa bilen duşuşyp, 2–1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Çekeleşikli geçen oýnuň 29-njy minutynda ýaponlar Kaişu Sanonyň jerime meýdançasynyň daşyndan ýerden batly uran goly bilen öňe saýlandy. Sambaçylar bu gola 1-nji ýarymda jogap berip bilmediler. 2-nji ýarymda, has takygy, 56-njy minutda Kazemiro kelle urgusy bilen topy derwezä girizip, hasaby deňledi. Bu oýunda-da edil GAR-Kanada duşuşygynda bolşy ýaly, ýeňiji 90-njy minutdan soň kesgitlendi. Duşuşygyň 90+5-nji minutynda oýna soň giren Gabriel Martinelli brazilleri öňe geçirdi. Bu gola aziýalylaryň jogap bermegi üçin wagt ýeterlik bolmady. Şunlukda, Braziliýanyň ýygyndysy 20-nji gezek 1/8 finala adyny ýazdyrmagy başardy. Ýaponiýa bolsa ýene-de özlerinden garaşylyşyndan ir çempionat bilen hoşlaşdylar. Olara bassyr 3-nji gezek toparçadan çyksa-da, pleý-off tapgyrlarynyň ilkinjisini geçmek ýene bir ýola başartmady.







### Gol geçirtmezden 1/8 finala çykdy

● Ýer eýeleriniň biri Meksikanyň ýygyndysy ýoluny dowam edip, olar 1/16 finalda Ekwador bilen duşuşdy. Mehiko Sitidäki meşhur «Estadio Azteca»-da geçirilen oýna 80 824 janköýer tomaşa etdi. Çekeleşikli geçen oýunda Meksikanyň ýygyndysy 2-0 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşygyň gollaryny edil açylyş oýnundaky ýaly Hulian Kuinýones (22) bilen Raul Himenes (31) geçirdi. Oýnuň ahyrynda Ekwadordan Hinkapie täze düzgüne göre, gadagan bolan hereket sebäpli gyzyl kart aldy. Şeýlelikde, Meksikanyň ýygyndysy 4-nji duşuşygynda-da gol geçirtmezden ýeňiş gazanmagy başardy. Ilkinji gezek bir çempionatda 4 oýunda ýeňiş gazanan Meksikanyň ýygyndysy soňky 9 Dünýä Kubogynda 8-nji gezek 1/8 finalda oýnar. Olar 1994-nji ýyldan bäri 1/8 finala çykyp gelýärdi. Diňe Katar 2022-de bu statistikalaryny ýöredip bilmändiler. Meksikanyň ýygyndysy bir Dünýä Kubogynda yzly-yzyna 4 duşuşykda gol geçirtmezden ýeňiş gazanan 3-nji topar boldy (Braziliýa – 1986, Italiýa – 1990).

Meksikanyň ýygyndysy indiki tapgyrda ýene-de «Estadio Azteca»-da Angliýanyň ýygyndysy bilen duşuşar.

### Germaniýa üçin garaşylmadyk netije

● Dünýä Kubogynyň ilkinji garaşylmadyk, sýurpriz netijesi hasaba alyndy. Bostondaky «Gillette Stadium»-da Germaniýanyň ýygyndysy bilen Paragwaýyň ýygyndysy duşuşdy. Duşuşygyň 1-nji ýarymynyň ahyrynda paragwaýlylar owadan geçirilen paslaşyklardan soň Hulio Sezar Ensisonyň goly bilen hasaby açdy. Bu gola nemesler 2-nji ýarymyň başlarynda jogap berdi. 54-nji minutda Wirtsiň ajaýyp pasynda topy kellesi bilen uran Kai Hawerts hasaby deňledi. Şondan soň Germaniýanyň ýygyndysy hüjümleriniň sanyny artdyrsa-da, olara öňe saýlanmak başartmady. Duşuşygyň esasy wagty 1-1 hasabynda deňlikde tamamlandy. Goşmaça wagtda Jonatan Tanyň geçiren goly oýnuň düzgüniniň bozulandygy sebäpli hasaba alynmady. Şunlukda, ýeňijini 11 metrlik urgulary kesgitlemeli edildi. Bu urgularda Paragwaýyň derwezeçisi Orlando Hill erjellik görkezdi. Ilkinji 5 urguda Germaniýadan Hawerts bilen Woltemadeniň urgularyny Hill saklamagy başardy. Germaniýadan Kimmih, Musiala hem-de Amiri urgulary dürs ýerine ýetirdi. Paragwaýyň ýygyndysynda Maurisio, Gomes hem-de Galarzanyň urgulary takyk boldy. Olaryň soňky 2 urgusyny ýerine ýetirijilerden Sanabriýa topy meýdançanyň daşyna depse, Balbuenanyň urgusyny Noýer sowmagyň hötdesinden geldi. 6-njy urgyny Germaniýadan Jonatan Ta ýerine ýetirip, onuň urgusy derwezäniň üstünden ýokary gitdi. Paragwaýda bolsa Kanaleniň urgusy dürs boldy. Netijede, Germaniýanyň ýygyndysy 11 metrlik urgularyň netijesinde Paragwaýdan 4-3 hasabynda utulyp, ýaryşdan çykdy.

2014-nji ýyldaky çempionlykdan soň yzly-yzyna 2 gezek toparçadan hem çykyp bilmedik Germaniýa bu gezek 1/16 finala adyny ýazdyrsa-da, 1/8 finalda oýnamak olara başartmady. Dünýä Kubogynyň taryhynda ilkinji gezek 11 metrlik urgularyň netijesinde utulan Germaniýa Ýewropa çempionatyny-da goşanyňda, 50 ýyldan soň şeýle şowsuzlygy başdan geçirýär. Germaniýa soňky gezek 1976-njy ýylda Ýewropa çempionatynda 11 metrlik urgularyň netijesinde ýeňlipdi.

● Dünýä Kubogynda 3 gezek finala çykyp, çempionlyk gazanyp bilmedik ýeke-täk ýygyndy bolan Niderlandlardan şu ýaryşda azdakände tama bardy. Iň bolmanda, çärýek finala çenli gelmegine garaşylýardy. Ýöne toparçadaky oýunlarynda kynçylyk çekmän 1/16 finala çykan Niderlandlaryň bijesine bu tapgyrda Marokko gabat geldi. Marokko 4 ýyl öňki çempionatda Ýewropanyň esasy ýygyndylaryny ýaryşdan çykaryp, 4-nji orny eýeläpdi.

Bu gezekki garşydaş Niderlandlar boldy. Meksikanyň Monterreý şäherinde geçirilen oýnuň 1-nji ýarymynda hasap açylmady. 2-nji ýarymda, has takygy, 72-nji minutda Kodi Gakpo Niderlandlary öňe geçirdi. Oýnuň 90+1-nji minutynda goragçy Issa Diop kelle urgusy bilen tapawutlanyp, hasaby deňledi. Şondan soň goşmaça 30 minut berlip, onda üýtgän zat bolmady.

Ýene-de ýeňijini 11 metrlik urgulary kesgitlemeli boldy. 11 metrlik urgularynda Niderlandlardan Koopmeýners bilen Weghorst dürs ýerine ýetirdi. Kluiwert, Timber hem-de Sammerwilliň urgulary takyk bolmady. Marokkoda bolsa Rahiminiň, Talbiniň hem-de Saibariniň urgulary dürs bolup, El-Aýnaui bilen Hakiminiň urgulary derwezä girmedi.

Şeýlelikde, Morokkonyň ýygyndysy bassyr 3-nji, umumylykda 7-nji gezek gatnaşýan ýaryşynda yzly-yzyna 2-nji sapar 1/8 finala adyny ýazdyrdy. Marokkonyň 1/8 finaldaky garşydaşy Kanadanyň ýygyndysy bolup, ikisi mundan öň 4 gezek duşuşdylar. Şolaryň 3-sinde Marokko ýeňiş gazanyp, 1 oýun deňlikde tamamlandy.

### Fransiýany hem-de Mbappeni durzup bolanok

● Final duşuşygynyň oýnaljak stadionynda Fransiýanyň ýygyndysy Şwesiýanyň ýygyndysyny 3–0 hasabynda ýeňdi. Niderlandlardan Danni Makkeliniň eminlik eden oýnuna 80 663 tomaşaçy gatnaşdy we bu çempionatdaky tomaşaçylaryň umumy sany şu duşuşykda 5 milliondan geçdi.

Duşuşygyň gollarynyň 2-sini Kilian Mbappe öz adyna ýazdyrdy. Ýyldyz oýunçy duşuşygyň 45-nji hem-de 74-nji minutlarynda tapawutlandy. Beýleki goly bolsa 53-nji minutda Bredli Barkola derwezä girizdi. Duşuşykda 2 gezek tapawutlanan Mbappeniň Dünýä Kubogynyň çäginde geçiren gollarynyň sany 18 oýunda 18-e ýetdi. Ol 7-nji gezek 2 we 2-den köp gol geçirip, bu ugurda öz rekordyny täzeledi.

Şeýle-de, Fransiýanyň ýygyndysy Dünýä Kubogynda yzly-yzyna 4 oýunda ýeňiş gazanyp, olaryň 1998-nji ýyldaky statistikasyny gaýtaladylar. Fransiýanyň ýygyndysy bassyr 5 duşuşykda 3 we 3-den köp gol geçiren ilkinji topar boldy. Didie Deşam pleý-off oýunlarynda 9-njy ýeňşini baýram etdi. Duşuşykda 2 goluň pasyny beren Maýkl Oliseniň şu çempionatdaky asistleriniň sany 5-e ýetdi. Bu görkeziji 1994-nji ýyldan bäri hasaba alnan iň ýokary netijedir.

Fransiýanyň indiki tapgyrdaky garşydaşy Paragwaý bolup, iki topar mundan öň 5 gezek gabatlaşdylar. Şolaryň 3-sinde fransuzlar ýeňiş gazanyp, 2 oýun deňlikde gutardy. Iki topar 1998-nji ýylda-da 1/8 finalda duşuşyp, Fransiýa Loran Blanyň «Altyn goly» bilen utupdy.

### 28 ýyldan soň 2-nji gezek 1/8 finala çykdy

● Kot-d'Iwuar bilen Norwegiýanyň ýygyndylarynyň duşuşygy çekeleşikli we dartgynly geçip, Ýewropanyň wekili 2-1 hasabynda ýeňiş gazandy. Oýnuň 39-njy minutynda Antonio Nusa owadan gol bilen Norwegiýany öňe geçirdi. Duşuşygyň 74-nji minutynda 2-3 kişini aldap, topy tora gönükdiren Amadu Diallo hasaby deňledi. Duşuşygyň esasy wagtynyň tamamlanmagyna 4 minut galanda, has takygy, 86-njy minutda Erling Holann tapawutlanyp çempionatdaky 5-nji goluny geçirdi. Oýunda 2-1 hasabynda ýeňiş gazanan Norwegiýanyň ýygyndysy 1998-nji ýyldan soň taryhynda 2-nji gezek 1/8 finala adyny ýazdyrdy.

Duşuşykda ýeňiş goluny geçiren Erling Holannyň milli topardaky pökgüleriniň sany 60-a ýetdi. Ol 53 oýunda bu görkezijä ýetmegi başardy. Ol milli toparlarda Gerd Müllerden soň iň çalt 60 gola ýeten 2-nji futbolçy boldy. Norwegiýanyň 1/8 finaldaky garşydaşy Braziliýanyň ýygyndysy bolar. Iki topar mundan öň 4 gezek duşuşyp, şolaryň 2-sinde Norwegiýa ýeňiş gazandy (2 deňlik). Braziliýa bilen Norwegiýa 1998-nji ýylda toparçada duşuşypdy we şonda Braziliýa 2-1 hasabynda utulypdy. Başgaça aýdylanda, Norwegiýa şu wagta çenli Braziliýadan ýeňilmän gelýär.

### Keýn futboly watanyna dolanmakdan halas etdi

● Çempionlygyň dalaşgärlerinden Angliýanyň milli ýygyndysy tasdanam ýaryşdan çykyp bilerdi. Başgaça aýdylanda, futbol wagtyndan ir watanyna dolanyp bilerdi. Taryhynda 2-nji gezek gatnaşýan Kongo DR-niň ýygyndysy bilen duşuşan iňlisler 7-nji minutda Sipenganyň goluna çäre tapyp bilmediler. Şondan soň hüjüm baryny etselerem olara soňky minutlaryna çenli hasaby deňlemek başartmady. Esasanam, Kongo DR-niň derwezeçisi Mpasi erjel oýun görkezdi. Hatda 1-nji ýarymyň ahyrlarynda afrikalylar 2-nji goly hem geçirip bilerdi. Ýöne top sütüne degip meýdançanyň daşyna gitdi. 2-nji ýarymda iki ganatdaky oýunçylaryny çalşan Tomas Tuhel bu taktikasynyň miwesini 75-nji minutda almagy başardy. Şol pursatda oýna soň giren Gordonyň asist etmeginde toparyň ýyldyz hüjümçisi Harri Keýn kelle urgusy bilen topy derwezä girizip, hasaby deňledi. Bu goldan 11 minut soňam Harri Keýn has kyn pursatda, 3 oýunçynyň arasyndan topy batly urup, toparyny öňe geçirdi. Şeýlelikde, Angliýanyň ýygyndysy 2-1 hasabynda ýeňiş gazanyp, 13-nji gezek 1/8 finala çykdy. Germaniýadyr Niderlandlardan soň häzirlikçe 3-nji garaşylmadyk netijäniň ýüze çykmagyna rugsat bermedik Keýn bolsa Dünýä Kubogyndaky gollarynyň sanyny 13-e ýetirip, Peleden öňe geçdi, Žust Fonten bilen deňleşdi.

### Belgiýadan taryhy kembek

● ABŞ-nyň Sietl şäherindäki «Lumen Field» stadionynda oýnalan Belgiýa bilen Senegalyň arasyndaky duşuşyk şu tapgyryň iň gyzykly oýunlarynyň biri boldy. Belgiýanyň ýygyndysy taryhy kembek bilen ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazandy. Oýnuň 25-nji minutynda Senegalyň ýygyndysy Habib Diarranyň goly bilen öňe saýlandy. 2-nji ýarymyň başynda, has takygy, 51-nji minutda Ismaila Sarr şu çempionatdaky 4-nji goluny geçirip, aratapawudy 2-0-a çykardy. Ýöne ruhdan düşmedik Belgiýanyň ýygyndysy soňuna çenli erjel göreş alyp bardy. 2-nji ýarymyň başynda oýna giren Romelu Lukaku 86-njy minutda ýoldaşlaryny umytlandyran goly geçirdi. 3 minutdan soň Trossardyň asist etmeginde derwezeçiden öň kellesi bilen topy uran Ýuri Tilemans hasaby deňledi. Goşmaça berlen 30 minutyň ahyrynda gondurasly emin Said Martines VAR-yň hem duýdurmagy bilen ýewropalylaryň peýdasyna 11 metrlik jerime urgusyny belledi. Ony-da 125-nji minutda Ýuri Tilemans dürs ýerine ýetirip, Belgiýa ýeňiş getiren oýunçy boldy. Belgiýanyň ýygyndysynyň şuňa meňzeş kembegi 2018-nji ýylda-da hasaba alnyp, Ýaponiýany 2-0-dan 3-2 hasabynda ýeňipdi. Belgiýanyň ýygyndysy 9-njy gezek 1/8 finalda oýnar. Olaryň garşydaşy ABŞ-nyň ýygyndysy bolup, olar mundan öň 7 oýunda amerikalylary 6 gezek ýeňmegi başardy (1 ýeňliş). ABŞ-nyň ýygyndysy Belgiýany 1 gezek ýeňip, ol hem 1930-njy ýyldaky çempionatda hasaba alyndy. Iki topar 2014-nji ýyldaky çempionatda-da duşuşypdy we Belgiýa 2-1 hasabynda ýeňiş gazanypdy.

Agza-burna gelen ýeňşi elden gideren Senegalyň ýygyndysy bolsa 4-nji gezek gatnaşýan ýaryşynda bassyr 2-nji sapar 1/8 finala çykyp bilmän yzyna gaýtdy. Senegalyň ýygyndysy 2002-nji ýylda çärýek finalda oýnapdy.

● Ýer eýesi ABŞ-nyň ýygyndysy San Fransiskodaky «Levi's Stadium»-da Bosniýa we Gersegowinanyň ýygyndysyny 2-0 hasabynda utdy. Amerikalylara ýeňiş getiren gollary 45-nji minutda Folarin Balogun bilen 82-nji minutda jerime urgusynda Malik Tillman geçirdi. Oýnuň 64-nji minutynda Baloguna eden gödek hereketi üçin gönümel gyzyl kart görkezildi. Ol Zinedin Zidandan (2006) soň Dünýä Kubogynda gol geçiren oýnunda gyzyl kart alan ilkinji futbolçy boldy. 7-nji gezek 1/8 finala adyny ýazdyran ABŞ-nyň ýygyndysy 2002-nji ýyldan soň ilkinji sapar utulan-çykdy duşuşygynda ýeňiş gazandy.

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/16 FINAL

**GERMANIÝA — PARAGWAÝ: 1–1, 3–4 (p)**

**GERMANIÝA (4–2–3–1):** Noýer — Kimmih (k), Jonatan Ta, Rüdiger (Tşaw 110), Brawn — Nmeça (Goretska 46), Pawlowiç (Anton 79) — Sane (Woltemade 88), Wirts (Amiri 110), Hawerts – Undaw (Musiala 63); ***Tälimçi:*** Ýulian Nagelsmann

**PARAGWAÝ (4–4–2):** Orlando Hill — Kasares (Oheda 99), G. Gomes (k), Kanale, Hunior Alonso (Balbuena 120+2) — Almiron (Welaskes 91), Bobadilýa (Sanabriýa 99), Kubas, Galarza — Awalos (Kabalýero 55), Ensiso (Maurisio 57); ***Tälimçi:*** Gustawo Alfaro

**GOL:** Hawerts 54 — Ensiso 42

**PEN:** Kimmih, Musiala, Amiri (Hawerts, Woltemade, Ta) — Maurisio, G. Gomes, Galarza, Kanale (Sanabria, Balbuena)

**SARY KART:** Hawerts, Musiala, Nagelsmann — Kubas, Galarza, Alfaro

**STADION:** Gillette Stadium (Boston)

**TOMAŞAÇY:** 63 945

**EMIN:** Jalal Jaýed (Marokko)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Orlando Hill (Paragwaý)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/16 FINAL

**MEKSIKA — EKWADOR: 2–0**

**MEKSIKA (4–3–3):** Ranhel — Sançes, Montes (k), Waskes, Galýardo — Erik Lira, Hilberto Mora (Gutierres 59), Romo (Wargas 73) — Alwarado (Reýes 80), Raul Himenes (Santiago Himenes 73), Kuinýones (Pineda 80); ***Tälimçi:*** Hawier Agirre

**EKWADOR (4–4–2):** Halindes — Franko (Presiado 46), Ordonýes (Medina 46), Paço, Hinkapie — Ýeboa (Paes 79), Moises Kaisedo (k), Wite, Anhulo (Hordi Kaisedo 79) — Plata, Enner Walensiýa (Rodriges 59); ***Tälimçi:*** Sebastian Bekkasese

**GOL:** Kuinýones 22, Raul Himenes 31

**GYZYL KART:** Piero Hinkapie (Ekwador)

**SARY KART:** Franko, M. Kaisedo, Paes (Ekwador)

**STADION:** Estadio Azteca (Mehiko Siti); **TOMAŞAÇY:** 80 824

**EMIN:** Slawko Winçiç (Sloweniýa)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Hulian Kuinýones (Meksika)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/16 FINAL

**NIDERLANDLAR — MAROKKO: 1–1, 2–3 (p)**

**NIDERLANDLAR (3–4–3):** Werbruggen — Wan Hek, Wan Deýk (k), Ake (Koopmeýners) — Dumfris, Grawenberh (K. Timber 86), De Ýong (De Ron 110), Wan de Wen (Hato 86) — Sammerwill — Brobbi (Weghorst 71), Gakpo (Kluiwert 113); ***Tälimçi:*** Ronald Kuman

**MAROKKO (4–2–3–1):** Bunu — Hakimi (k), Issa Diop, Riad (Salah-Eddin 75), Mazraui — Buaddi (Ýasin 79), El Aýnaui — Brahim Diaz (El Muarbet 79), Unahi (Rahimi 86), El Hannuss (Talbi 86) — Saibari; ***Tälimçi:*** Mohamed Uahbi

**GOL:** Gakpo 72 — Diop 90+1

**PEN:** Koopmeýners, Wegorst (Kluiwert, Timber, Sammerwill) — Rahimi, Talbi, Saibari (El Aýnaui, Hakimi)

**SARY KART:** Issa Diop (Marokko)

**STADION:** Estadio BBVA (Monterreý)

**TOMAŞAÇY:** 51 243

**EMIN:** Wilton Sampaio (Braziliýa)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Issa Diop (Marokko)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/16 FINAL

**ANGLIÝA — KONGO DR: 2–1**

**ANGLIÝA (4–2–3–1):** Pikford — Spens (Eze 70), Konsa, Gehi, O'Raýli — Elliot Anderson, Deklan Raýs (Jon Stounz 90+1) — Madueke (Saka 60), Bellingam, Reşford (Gordon 60) — Harri Keýn (k); ***Tälimçi:*** Tomas Tuhel

**KONGO DR (4-1-4-1):** Mpasi — Wan Bissaka, Mbemba (k), Tuanzebe, Masuaku (Kaýembe 89) — Mutossami (Maýele 89) — Mbuku (Elia 64), Mukau (Bongonda 76), Sadiki, Sipenga (Kaýembe 76) — Ýoane Wissa; ***Tälimçi:*** Sebastien Desabre

**GOL:** Harri Keýn 75, 86 — Sipenga 7

**SARY KART:** Bellingam — Sadiki

**STADION:** Mercedes-Benz Stadium (Atlanta)

**TOMAŞAÇY:** 69 239

**EMIN:** Adham Makhadmeh (Iordaniýa)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Harri Keýn (Angliýa)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/16 FINAL

**GÜNORTA AFRIKA — KANADA: 0–1**

**GÜNORTA AFRIKA (4–2–3–1):** Williams (k) — Mudau, Okon, Mbokazi, Modiba — Sithole, Mokoena — Maseka (Raýners 86), Mofokeng (Mbata 46), Apollis — Makgopa (Moremi 86); ***Tälimçi:*** Hugo Bros

**KANADA (4–4–2):** Krepo — Jonston, Bombito (Fužerol 59), Kornelius, Lariýea — Býukenen (Alfonso Dewis 75), Saliba (Sigur 59), Euştakiu (k), Millar (Promis Dewid 70 — Jonatan Dewid, Oluwaseýi (Şaffelberg 70); ***Tälimçi:*** Jessi Marş

**GOL:** Stefen Euşatkiu 90+2

**SARY KART:** Saliba, Sigur (Kanada)

**STADION:** SoFi Stadium (Los Anjeles)

**TOMAŞAÇY:** 69 237

**EMIN:** Žoao Pineiro (Portugaliýa)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Stefen Euştakiu (Kanada)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/16 FINAL

**KOT-D'IWUAR — NORWEGIÝA: 1–2**

**KOT-D'IWUAR (4–3–3):** Ýahýa Fofana — Due, Kossunu, Agbadu, Konan (Gessan 90+3) — Sangare, Kessi (k), Oulai (Diallo 60) — Pepe (Diakhite 87), Bonni (Wahi 60), Ýan Diomande (Ture 90+3); ***Tälimçi:*** Emerse Fae

**NORWEGIÝA (4–3–3):** Nýulann — Pedersen (Ersnes 83), Aýer, Heggem, Wolfe — Berg, Berge, Edegor (k) — Sörlot (Bobb 71), Holann, Nusa (Şelderup 71); ***Tälimçi:*** Stole Solbakken

**GOL:** Diallo 74 — Nusa 39, Holann 86

**SARY KART:** Ahmed Nusa (Norwegiýa)

**STADION:** AT&T Stadium (Dallas)

**TOMAŞAÇY:** 69 665

**EMIN:** Hesus Walensuela (Wenesuela)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Antonio Nusa (Norwegiýa)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/16 FINAL

**BELGIÝA— SENEGAL: 3–2 (g.w.)**

**BELGIÝA (4–2–3–1):** Kurtua — Kastanýe, Mehele, Tite, De Kuýper (Mýonýe 78) — Wanaken (Moriera 63), Tilemans (k) — Trossard (Onana 109), De Bruýne (Lukebakio 56), Doku (Raskin 56) — De Ketelare (Romelu Lukaku 46); ***Tälimçi:*** Rudi Garsiýa

**SENEGAL (4–3–3):** Diaw — Diatta, Pate Siss, Niakhate, Ismail Ýakobs (Malik Diuf 93) — Habib Diarra (Matar Sarr 73), Idrissa Geýe (k) (Ndiaýe 95), Pape Geýe (Kamara 66) — Iliman Ndiaýe (Mbaýe 73), Ismaila Sarr, Sadio Mane (Jekson 93); ***Tälimçi:*** Pap Tiaw

**GOL:** Lukaku 86, Tilemans 89, 109 (p) — Diarra 23, I. Sarr 51

**SARY KART:** Mehele, Rudi Garsiýa — Kamara

**STADION:** Lumen Field (Sietl)

**TOMAŞAÇY:** 66 925

**EMIN:** Said Martines (Gonduras)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Ýuri Tilemans (Belgiýa)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/16 FINAL

**BRAZILIÝA — ÝAPONIÝA: 2–1**

**BRAZILIÝA (4–3–3):** Alisson — Daniel Luiz, Markinios (k), Gabriel Magalaes, Duglas Santos — Kazemiro (Fabinio 90+1), Bruno Gimaraýns (Danilo Santos 90+7), Lukas Paketa (Endrik 46) — Raýan, Mateus Kunýa (Gabriel Martinelli 66), Winisius Junior; ***Tälimçi:*** Karlo Ançelotti

**ÝAPONIÝA (3–4–3):** Zion Suzuki — Tomiýasu, Taniguçi, Hiroki Ito — Ritsu Doan (Ýunnosuke Suzuki 66), Sano, Kamada (Maçino 78), Nakamura (Sugawara 66) — Ýunýo Ito (Tanaka 78), Ueda, Maeda (Ogawa 90+7); ***Tälimçi:*** Hažime Moriýasu

**GOL:** Kazemiro 56, Martinelli 90+5 — Sano 29

**SARY KART:** Danilo Luiz, Kazemiro — Sano, Kamada, Ý. Suzuki

**STADION:** NRG Stadium (Hýuston)

**TOMAŞAÇY:** 68 777

**EMIN:** Maurizio Mariani (Italiýa)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Kazemiro (Braziliýa)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/16 FINAL

**FRANSIÝA — ŞWESIÝA: 3–0**

**FRANSIÝA (4–2–3–1):** Menýan — Kunde (Gusto 75), Upamekano, Saliba, Din (Teo Hernandes 78) — Tçuameni, Rabio — Dembele (Due 75), Olise (Şerki 85), Barkola — Mbappe (k) (Mateta 85); ***Tälimçi:*** Didie Deşam

**ŞWESIÝA (4–4–2):** Zetterström — Swensson (Nýugren 82), Lagerbielke, Lindelöf (k), Gudmundsson — Elanga, Bergwall (Zeneli 66), Aýari (Swanberg 82), Stroud (Taha Ali 66) — Gýokeres, Isak (Nilsson 89); ***Tälimçi:*** Grem Potter

**GOL:** Mbappe 45, 74, Barkola 53

**STADION:** MetLife Stadium (Nýu Ýork)

**TOMAŞAÇY:** 80 663

**EMIN:** Danni Makkeli (Niderlandlar)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Kilian Mbappe (Fransiýa)

## FIFA DÜNÝÄ KUBOGY 2026 – 1/16 FINAL

**ABŞ — BOSNIÝA WE GERSEGOWINA: 2–0**

**ABŞ (3-5-2):** Fris — Friman, Riçards, Tim Rim (k) — Dest (Berhalter 87), MakKenni (Reýna 90+5), Adams, Tilman, Robinson – Pulişiç (Pepi 87), Balogun; ***Tälimçi:*** Maurisio Poçettino

**BOSNIÝA WE GERSEGOWINA (4-4-2):** Wasil — Dediç, Katiç (Memçi 75), Muharemowiç, Radelýiç – Gigowiç (Mahmiç 51), Şunýiç (Tahirowiç 51), Alaýbegowiç, Kolaşinas (Tabakowiç 75) – Demirowiç, Edin Jeko (k) (Baýraktarewiç 51); ***Tälimçi:*** Sergeý Barbares

**GOL:** Folarin Balogun 45, Malik Tillman 82

**GYZYL KART:** Folarin Balogun 64 (ABŞ)

**SARY KART:** Radelýiç, S. Barbares (Bosniýa we Gersegowina)

**STADION:** Levi's Stadium (San Fransisko);

**TOMAŞAÇY:** 68 827

**EMIN:** Rafael Klaus (Braziliýa)

**OÝNUŇ ÝYLDYZY:** Malik Tillman (ABŞ)